TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOW:
– DAÝHANLARYMYZYŇ ÇEKÝÄN YHLASLY, TUTANÝERLI ZÄHMETI NETIJESINDE SAHAWATLY TÜRKMEN TOPRAGYNDA OBA HOJALYK EKINLERINIŇ BOL HASYLY ÖSDÜRILIP ÝETIŞDIRILÝÄR, AZYK HOWPSUZLYGY ÜPJÜN EDILÝÄR.

ZAMAN
INTERNATIONAL MEDIA
TÜRKMENISTAN
25-nji iýul, 2025. Belgisi 30/1648



# OBASENAGAT TOPLUMYNYŇ ÖSDÜRILMEGI – AZYK BOLÇULYGYNYŇ KEPILI

**21-nji iýulda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary T.Atahallyýewiň hem-de welaýatlaryň häkimleriniň gatnaşmagynda iş maslahatyny geçirdi. Onda ýurdumyzyň oba hojalyk toplumynda we sebitlerde alnyp barylýan işler bilen baglanyşykly meselelere garaldy.**

Ilki bilen, welaýat häkimleri welaýatlarda dowam edýän möwsümleýin oba hojalyk işleri barada hasabat berdiler. Bellenilişi ýaly, sebitleriň galla oragyndan boşan meýdanlarynda sürüm we tekizleýiş işleri geçirilýär. Ekişde ulanyljak oba hojalyk tehnikalaryny möwsüme taýýarlamak babatda zerur çäreler görülýär. Welaýatlaryň gowaça ekilen meýdanlarynda agrotehnikanyň kadalaryna laýyklykda degişli ideg işleri geçirilýär. Gök-bakja, beýleki oba hojalyk ekinleriniň ekişi dowam edýär. Şeýle hem welaýat häkimleri «Türkmenistanyň Prezidentiniň ýurdumyzy 2022 – 2028-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Maksatnamasyna», «Türkmenistanyň Prezidentiniň obalaryň, şäherçeleriň, etraplardaky şäherleriň we etrap merkezleriniň ilatynyň ýaşaýyş-durmuş şertlerini özgertmek boýunça 2028-nji ýyla çenli döwür üçin Milli maksatnamasyna» laýyklykda, şu ýyl welaýatlarda açylyp ulanmaga berilmegi meýilleşdirilýän desgalardaky gurluşyk işleriniň barşy barada hasabat berdiler.

Hormatly Prezidentimiz hasabatlary diňläp, welaýatlaryň ekerançylyk meýdanlarynda dowam edýän agrotehniki çäreleriň talabalaýyk ýerine ýetirilmeginiň, geljek ýyl üçin oba hojalyk ekinleriniň hasylynyň düýbüni tutmaga taýýarlyk görmek işleriniň guramaçylykly alnyp barylmagynyň möhümdigini belledi we bu babatda häkimlere anyk görkezmeleri berdi. Şeýle-de döwlet Baştutanymyz şu ýyl welaýatlarda açylyp ulanmaga berilmegi göz öňünde tutulýan desgalardaky gurluşyk işleriniň ýokary hilli, öz wagtynda ýerine ýetirilmegini yzygiderli gözegçilikde saklamagy tabşyrdy.

Soňra Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary T.Atahallyýew oba hojalygynda dowam edýän möwsümleýin işler barada hasabat berdi.

Bellenilişi ýaly, geljek ýylyň bugdaý hasylynyň düýbüni tutmaga görülýän taýýarlyk işleriniň çäklerinde häzirki wagtda ekiş geçiriljek meýdanlary sürmek we tekizlemek, oba hojalyk tehnikalaryny, ýokary hilli bugdaý tohumyny möwsüme taýýarlamak boýunça zerur çäreler görülýär. Welaýatlaryň gowaça ekilen meýdanlarynda hatarara bejergi, mineral dökünler bilen iýmitlendirmek, ösüş suwuny tutmak, gowaçanyň ujuny çyrpmak işleri alnyp barylýar. Daşoguz hem-de Lebap welaýatlarynyň şaly ekilen meýdanlarynda ideg işleri, Mary welaýatynda bolsa gant şugundyrynyň ekişi agrotehnikanyň kadalaryna laýyklykda geçirilýär. Ýurdumyzda azyk bolçulygyny has-da pugtalandyrmak barada öňde goýlan wezipelerden ugur alnyp, ýeralmanyň, gök-bakja we beýleki azyklyk oba hojalyk ekinleriniň ekiljek meýdanlarynda sürüm, tekizleýiş, geriş çekmek işleri ýerine ýetirilýär.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, oba hojalyk pudagynyň ýurdumyzda azyk bolçulygyny üpjün etmegiň binýady bolup durýandygyny, şoňa görä, innowasiýalary giňden ornaşdyrmak, serişdeleri netijeli peýdalanmak arkaly pudagyň mundan beýläk-de ösdürilmeginiň zerurdygyny belledi we wise-premýere degişli tabşyryklary berdi.

Soňra döwlet Baştutanymyz iş maslahatyna gatnaşyjylara ýüzlenip, möwsümleýin işlere ýene-de bir gezek ünsi çekdi hem-de welaýatlaryň gowaça meýdanlaryndaky ideg işleriniň agrotehniki kadalara laýyk geçirilmeginiň, gowaçalaryň hatarara bejergi, ujuny çyrpmak, mineral dökünler bilen iýmitlendirmek, ösüş suwuny tutmak, zyýan berijilere garşy göreş işleriniň öz wagtynda ýerine ýetirilmeginiň zerurdygyny belledi. Şunuň bilen birlikde, hormatly Prezidentimiz pagta we bugdaý öndürijiler bilen hyzmat ediji edara-kärhanalaryň arasynda ýerine ýetirilen işler üçin hasaplaşyklaryň öz wagtynda geçirilmegini üpjün etmegi, welaýatlaryň bugdaý oragyndan boşan meýdanlarynda sürüm, tekizleýiş işleriniň alnyp barlyşyny berk gözegçilikde saklamagy, güýzlük bugdaý ekişinde ulanyljak ekijileri, beýleki tehnikalary möwsüme talabalaýyk taýýarlamagy, güýzlük ýeralmanyň, gök we beýleki oba hojalyk ekinleriniň ekişine gowy taýýarlyk görmegi tabşyrdy. Mundan başga-da, Daşoguz, Lebap welaýatlarynda şaly meýdanlarynda ideg etmek işleriniň talabalaýyk alnyp barylmagyny gazanmak, Mary welaýatynda gant şugundyrynyň ekişine gözegçilik etmek, şu ýyl welaýatlarda açylyp, ulanmaga berilmegi meýilleşdirilen medeni-durmuş, önümçilik maksatly desgalarda gurluşyk işleriniň barşyny berk gözegçilikde saklamak tabşyryldy.

Arkadagly Gahryman Serdarymyz welaýat häkimlerine ýüzlenip, howanyň aşa gyzýan günlerinde ýangyn howpsuzlyk kadalarynyň ýerine ýetirilişini, hususan-da, elektrik togundan, tebigy gazdan we suwdan peýdalanylyşyny berk gözegçilikde saklamagy tabşyrdy.

# PARLAMENTARA HYZMATDAŞLYGYŇ MÜMKINÇILIKLERI MASLAHATLAŞYLDY

**23-nji iýulda Türkmenistanyň Mejlisiniň hem-de Özbegistan Respublikasynyň Oliý Majlisiniň Senatynyň we Oliý Majlisiniň Kanun çykaryjy palatasynyň agzalaryndan düzülen parlamentara dostluk toparynyň arasynda wideoaragatnaşyk arkaly duşuşyk geçirildi.**

Duşuşygyň dowamynda taraplar iki ýurduň arasyndaky parlamentara hyzmatdaşlygyň häzirki ýagdaýy we geljekki mümkinçilikleri barada pikir alyşdylar. Bellenilişi ýaly, döwlet Baştutanlarynyň tagallalary bilen Türkmenistanyň hem-de Özbegistanyň arasyndaky doganlyk gatnaşyklary soňky ýyllarda has-da pugtalanyp, syýasy, ykdysady, medeni-ynsanperwer ugurlarda giň gerimli hyzmatdaşlyk gazanylýar.

Şeýle hem taraplar parlamentara dialogyň iki ýurduň arasyndaky hyzmatdaşlygy çuňlaşdyrmagyň möhüm bölegine öwrülendigini we ikitaraplaýyn esasda parlamentara dostluk toparlarynyň döredilmeginiň kanunçykaryjylyk işinde we parlament diplomatiýasyny ösdürmekde tejribe alyşmaga mümkinçilikleri artdyrýandygyny aýratyn bellediler.

Duşuşygyň dowamynda parlamentara dostluk toparynyň agzalary ikitaraplaýyn



gatnaşyklary ösdürmekde parlamentara hyzmatdaşlygyň ähmiýeti barada bellediler. Şunuň bilen birlikde, halkara guramalaryň çäklerindäki hyzmatdaşlygy giňeltmegiň, kanunçykaryjylyk ulgamynda birek-birek bilen tejribe alyşmagyň, bilelikdäki çäreleri geçirmegiň möhümdigi nygtaldy.

Taraplar döwletara hyzmatdaşlygy parlament diplomatiýasynyň üsti bilen goldamaga, bu gatnaşyklaryň hukuk esaslaryny berkitmäge hem-de parlament we kanunçykaryjylyk işinde tejribe alyşmaga taýýardyklaryny, bu ugurda iki döwletiň arasynda gatnaşyklaryň has-da ösdürilmeginde iş saparlaryny we duşuşyklary guramagyň ähmiýetiniň uly boljakdygyny beýan etdiler.

# HALKARA FORUMA ÝOKARY DEREJEDE TAÝÝARLYK GÖRÜLÝÄR

**4-8-nji awgust aralygynda «Awaza» milli syýahatçylyk zolagynda Türkmenistan bilen Birleşen Milletler Guramasynyň guramagynda geçiriljek BMG-niň Deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan ýurtlar boýunça üçünji maslahatyna ýokary derejede taýýarlyk görülýär. Halkara forum barada giňişleýin maglumat berýän web saýty döredildi. Internet saýtynda türkmen, rus we iňlis dillerinde maglumatlar ýerleşdirildi.**

Hazaryň kenarynda ýaýbaňlanjak Halkara forum deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan ýurtlaryň ykdysady, ulag, energetika we ekologiýa mümkinçiliklerini giňeltmegine hem-de halkara söwda ulgamyna doly gatnaşmagyny üpjün etmegine, şeýle hem halkara hyzmatdaşlygyň täze tapgyryna ýol açar.



14-nji iýulda Aşgabat şäherinde Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň, nebit-gaz toplumynyň, Türkmenistanyň Hazar deňzi institutynyň Halkara ummanlar instituty bilen hyzmatdaşlykda guramagynda iki hepdelik «Hazar deňzi – durnukly ösüş we dolandyryş» atly okuw sapaklary başlandy. Okuw sapaklaryna Türkmenistanyň, Azerbaýjan Respublikasynyň, Eýran Yslam Respublikasynyň, Gazagystan Respublikasynyň we Russiýa Federasiýasynyň Hazar sebitiniň dürli ugurlary bilen baglanyşykly iş alyp barýan ekologlary, diplomatlary, serhet gullugynyň işgärleri, nebit pudagynyň hünärmenleri, gidrometeorologlary, gidrograflary, hukukçylary, ykdysatçylary, ulag pudagynyň işgärleri, balykçylyk pudagynyň we degişli beýleki pudaklaryň wekilleri gatnaşýarlar. Okuw sapaklarynyň maksatnamasy adatça, deňiz giňişligini meýilleşdirmek boýunça işjeň moduly öz içine alýar. Şeýle hem okuw sapaklarynyň çäginde ilkinji gezek Milli ýurisdiksiýanyň çäginden daşynda biodürlüligi saklamak hakynda ylalaşyk boýunça ýörite seminary geçirmek meýilleşdirildi. ■ 2



## ŞHG-niň sammiti Hytaýda geçiriler

Şanhaý Hyzmatdaşlyk Guramasynyň (ŞHG) sammiti 31-nji awgust – 1-nji sentýabrda Hytaýda geçiriler. ■ 4



## Galalaryň, kenar ýakalaryň we owadan şäherleriň ýurdy

Ýewropanyň merkezinde ýerleşýän Horwatiýa uzak ýyllardan bäri syýahatçylyk pudagynda öňdäki orny eýeleýär. ■ 5



## Wenesiýa film festiwalynda görkeziljek kinolar belli boldy

82-nji Wenesiýa film festiwalynda 21 kino baş baýrak – «Altyn ýolbars» ugrunda dalaşgärlige hödürlendi. ■ 6



## 4 altyn medal gazandy

Singapurda dowam edýän suw sportlary boýunça Dünýä çempionatynda açyk suwda ýüzmek ýaryşlary tamamlandy. Erkekleriň arasyndaky 3 altyn medaly-da germaniýaly Florian Wellbrok eýelemegi başardy. ■ 7



## Futbolyň syýahatçysy Jefferson Luis 51 gezek transfer boldy

Şu tomusda karýerasyny tamamlan hüjümçi Jefferson Li Luis o diýen meşhur oýunçy bolmasa-da, futbolyň taryhynda transfer bolmakda uly yz galdyrmagy başardy. ■ 8

## Emeli aňyň täze nusgasy

Hytaýyň «Alibaba» kompaniýasy «Qwen3-Coder» atly emeli aň nusgasyny hödürledi. Deňeşdirilip geçirilen synaglarda täze emeli aň tehnologiýasy Hytaýyň «DeepSeek» we «Moonshot AI» kompaniýalaryndan öňe geçen bolsa, «Claude» we «GPT-4» ýaly amerikan bäsdeşleri bilen käbir ugurlarda deň derejä ýetdi. Bilermenleriň bellemegine görä, «Alibaba»-nyň täze tehnologiýasy emeli aň pudagyndaky bäsdeşligi mundan beýläk-de ýitileşdirer.



Häzirki wagtda emeli aň tehnologiýasy örän çalt depginlerde ösýär. Bilermenler emeli aň tehnologiýasynyň energiýany we beýleki çig mal serişdelerini tygşytlamakda, önümçiligi artdyrmakda öňyn netijeler berjekdigini belleýärler.

**Arslan SUNNATOW,**
*Türkmenistanyň Döwlet energetika institutynyň talyby.*

## Kosmos ykdysadyýeti ösýär

«Space Foundation» guramasynyň maglumatyna görä, kosmos ykdysadyýeti geçen ýyl 7,8% ösüp, 613 milliard amerikan dollaryna ýetdi. Bu görkezijä täjirçilik maksatly kosmos harytlary, hyzmatlary, infrastruktura we hökümetleriň býujetlerini öz içine alýan taslamalar degişli edildi. Ösüşiň şeýle depginde dowam eden ýagdaýynda pudagyň bu görkezijisiniň 2032-nji ýyla çenli 1 trillion dollara ýetip biljekdigi bellenilýär. Kosmos pudagynda iş alyp barýan hususy kompaniýalaryň peýda bolmagy pudagyň girdejisini hem artdyrdy. Köp sanly orunlary döredildi. Kosmosa çykmak aňsat bolup, asman giňişligine syýahatçylyk maksatly gezelençler has elýeterli boldy. Netijede, köp sanly kompaniýa kosmos syýahatçylygy bilen meşgullanyp başlady.



## Aýlag ýurtlary bitewi wiza döreder

Aýlagdaky arap ýurtlary – Bahreýn, Kuweýt, Oman, Katar, Saud Arabystany Patyşalygy we Birleşen Arap Emirlikleri öz aralarynda bitewi wiza ulgamyny girizýär. Ulgamyň şu ýylyň ahyrynda ýada geljek ýylyň başynda durmuşa geçirilmegine garaşylýar. Birleşen syýahatçy wizasy atly ygtyýarnama baradaky ilkinji teklip 2023-nji ýylda orta atylypdy. Düzgün güýje girenden soňra şol bir wiza bilen agzalýan alty ýurda hem girip bolar. Häzirki wagtda bu ýurtlara barmak üçin aýratynlykda wiza almaly bolýar. Düzgüne görä, beýleki ýurtlaryň raýatlary diňe bir ýurt üçin aýratynlykda ýa-da ählisine barmak üçin ýüz tutup bilýär. Syýahatçylyk, işgär wagtlyk gezelenç, dogan-garyndaşlaryňa ýa-da dostlaryňa myhmançylyga gitmek maksatly berilýän wizany şol bir platforma arkaly alyp bolar. Uzak möhletli ýa-da iş wizasy üçin aýratyn ýüz tutmaly bolar.



**Gurbangeldi PAŞŞYKOW,**
*Myrat Garryýew adyndaky Türkmenistanyň Döwlet lukmançylyk uniwersitetiniň mugallymy.*

# ÇAGALAR – ÝURDUMYZYŇ RÖWŞEN GELJEGI

Ýurdumyzda Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň parasatly baştutanlygynda gurulýan çagalar bakja-baglarynyň daşky keşbi gözel tebigat bilen sazlaşýar. Körpejeler bu mekanda döredijilige bolan gyzyklanmany, bilim almagy, täzelikleri öwrenmegi ýüreklerine siňdirýärler. Körpeler günüň dowamynda gyzykly oýunlara güýmenýärler. Çagalar bakja-bagynda her topara niýetlenen oýun meýdançalarynyň bolmagy körpeleriň rahat dynç almagyna ýardam berýär.

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe bagtyýar ýurdumyzda çaga doglanyndan başlap, bilimsowatly, belli bir hünäriň eýesi bolan kämil şahsyýet bolup ýetişmegi üçin aladalar edilýär. Körpeje nesliň ilkinji arzuwy, ilkinji gülküsi, ilkinji pikirleri çagalar bakja-baglarynda kemala gelýär. Watanymyzyň ähli künjeklerinde gurlup ulanmaga berilýän döwrebap çagalar baglary diňe bir terbiýäniň däl, eýsem, ruhubelentligiň, döredijiligiň mekanydyr.



Mähir bilen gurşalan çagalar ýurdumyzyň geljegidir. Ir bilen ene-atasynyň elinden tutup, ýylgyryp bagyň gapysyna tarap ylgaýan çagalaryň ýüreginde şeýle ojak bilen baglanyşykly ilkinji ýakymly ýatlamalar emele gelýär. Bu pursatlar diňe bir çagalyk döwrüne degişli däl, eýsem, tutuş ömrüň dowamynda ýürekde ýaşajak mukaddes duýgulardyr. Şeýle ýatlamalar diňe bir durmuş hakynda däl, eýsem, Watana bolan ilkinji buýsanjyň hem özenidir. Bu pursatlar olaryň durmuş ýoluna salynýan ilkinji nurly ýoldur. Her bir degişme, her bir oýun, her bir aýdylan aýdym olaryň ruhy geljegi üçin gurulýan çagalar baglaryndan başlap, çagalaryň hakydasynda mähirli, bagtyýar ýaş nesliň ösmegi üçin döredilýän ähli şertler döwletimiziň ýaş nesle goýýan ynamynyň aýdyň beýanydyr.

Çagalar baglarynda ýaş nesliň ösmegi, öwrenmegi hem-de döredijilik bilen meşgullanmagy üçin döwrebap oýun meýdançalary, dürli enjamlar, döredijilik otaglary, bilim-öwrediş giňişlikleri olaryň her günki durmuşyna öwüşgin çaýýar. Çaga üçin oýun diňe bir wagt geçirmek üçin güýmenje



däl, eýsem, dünýäni tanamagyň, birek-birek bilen gatnaşyk gurmagyň, aň-düşünjelerini giňeltmegiň ýoludyr. Oýunlaryň kömegi bilen olaryň duýgusy, düşünjesi, pikirlenişi kemala gelýär. Terbiýeçiler bolsa diňe bilim berýän adam däl, eýsem, olar çaga dünýäsine ýnamdar ýolbeleldir. Olaryň her bir sözünde mähir, her bir hereketinde bolsa görelde bar. Olar ýaş nesliň ýüregine ýagtylyk çaýýan ýol görkezijilerdir.

Şeýle ojaklarda geçirilen günler çaga üçin baýramçylyk ýaly bolýar. Aýdymsaz bilen utgaşýan gün tertibi, oýnalýan oýunlar, okalýan kitaplar, çekilýän suratlar, öwrenilýän şygyrlar olaryň kalbynda uly täsir galdyrýar. Çagalaryň çeper döredijilik bilen döredýän şekilleri diňe reňklerden ybarat bolman, olaryň duýgusynyň we arzuwlarynyň beýan edýär.

Döwletiň üns-aladasy bilen gurulýan bu baglarda her gün çagalaryň kalbynda täze öwüşgin döreýär. Reňkli diwarly otaglarda, öwrediji oýunlaryň arasynda, şygyr we aýdym bilen baýlaşdyrylan gurşawda her bir çaga parahat durmuşyň, erkana ýaşamagyň, bagtyýar geljegiň öwüşginini duýýar. Olar özlerini öwrenýän, döredýän, täsir edýän, arzuw edýän adam hökmünde duýýarlar.



Olaryň döredýän suratlarynda geljegiň keşbi şekillenýär, aýdýan aýdymlarynda buýsanç we minnetdarlyk ýaňlanýar. Her bir hereketde, her bir pikirde Watana bolan söýgi şöhlelenýär. Her bir sözde geljege bolan ynam, beýik maksatlara bolan ynanjyň nyşany bar. Ine, şeýle mukaddes ýörelgeler esasynda gurlan çagalar baglary, diňe bir körpeleriň dünýäsine ýagtylyk çaýmak bilen çäklenmän, eýsem, halkymyzyň erkana geljeginiň berk binýadyny hem pugtalandyrýar.

Çagalara we geljekki nesle şeýle giň mümkinçilikleri döredýän Gahryman Arkadagymyzyň hem-de Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň janlary sag, ömürleri uzak bolsun, il-ýurt bähbitli tutýan beýik işleri rowaçlyklara beslensin!

**Ogulsona BOPPYÝEWA,**
*Aşgabat şäherindäki 12-nji çagalar bakja-bagynyň müdiriniň wezipesini wagtlaýyn ýerine ýetirijі.*

# GAZ HOWPSUZLYGYNYŇ KADALARYNY BERJAÝ EDELIŇ!

Ynsan durmuşynda mawy ýangyjyň uly orny bar. Saçaklarymyza gogulýan tagamlar gazyň kömegi bilen taýýarlanylýar, durmuş hajatlary üçin gerek bolan suw hem gaz arkaly ýyladylýar, jaýlary ýylatmak tebigy gazyň kömegi bilen amala aşyrylýar. Şonuň üçin hem mawy ýangyjyň gadyryny hemmämiz bilýäris. Emma bize şeýle gowy şertleri, ýeňillikleri döredýän tebigy gazy ulanmakda howpsuzlyk kadalaryny dogry berjaý edilmese, ýangyn howpuny döredip biler.

Ilata tebigy gazdan, gaz enjamlaryndan peýdalanmagy düşündirmek, gaz howpsuzlygynyň kadalaryny hem-de bu babatda tygşytlylygy üpjün etmek esasy wezipeleriň biridir.

Gaz enjamlaryny ýaşaýyş üçin niýetlenen otaglarda goýmak gadagan. Eger gaz enjamlary ulanylýak bolsa, ony goýmak üçin hünärmeniň ýörite rugsatnamasy bolmaly. Gaz enjamlary ulanylýak ýerlerde gaz, tüsseçykar ýaly howa soruju goýmaly. Jaý gurlanda gaz enjamy goýuljak otagdaky penjiräniň kiçi gözüniň bolmagyny unutmaly däl. Jaýyň abatlaýyş işleri geçirilende howa soruju deşikleriň ýüzüni ýapmak ýa-da suwamak bolmaýar. Geçiriji turba turuwbaşdan polat turba bolmaly, rezin turbalar ulanylmaly däl. Eger geçiriji turba diwary kesip geçmeli bolsa, onda onuň daşyna goşmaça turba geýdirilmeli. Turbalary diwara gömmek bolmaýar. Gaz enjamy durjak jaý gurlanda onuň beýikligine üns bermeli. Jaýyň beýikligi kada laýyk bolmaly. Aşhananyň gapysy daşyna açylýan bolmaly.

Gaz howpsuzlygy üçin hem gazyň häsiýetini bilmeli. Tebigy we suwuklandy-



rylan gaz göze görünmeýär. Otagyň içini dolduran gazyň partlamagyna çyra ýakylanda ýa-da öçürilende emele gelýän uçgunlar sebäp bolýar.

Gaz enjamy duran jaý penjireli bolmaly. Penjiräniň hem açylýan kiçi gözi bolmaly we ony gaz ýakylan wagty ýarym açyk ýagdaýda saklamaly. Mundan başga-da, aşhananyň gapysynyň aşagy poldan 3-4 santimetr ýokarda bolmaly. Şeýle bolanda gaz toplanmaýar. Adamlar köplenç gaz peçlerini özlerine oňaýly hasaplan ýerlerine geçirmekleri gowy görýärler. Emma gaz enjamlaryny bir ýerden başga ýere özbaşdak geçirmek bolmaýar. Zerurlyk ýüze çykan ýagdaýynda gaz edarasyndan rugsat hatyny alyp, gaz edarasynyň işgärleriniň gözegçiliginde geçirmeli.

Gaz enjamlary ulanylanda howpsuzlyk düzgünlerini ýerine ýetirmek, köplenç, öý hojalykçy zenanlaryň üstüne düşýär. Olaryň bu babatda örän hüşgär bolmagy gerek. Gaz plitasynyň üstünde suwly çäýnek ýa-da gaýnap duran suwuk nahar bar bolsa, olary köp wagtlap ünsden salmak bolmaýar. Gaýnan suwuň ýa-da naharyň dökülip, ýanyp duran ody öçürmegi mümkin.

Eger-de jaýyň içinde gazyň ysyny duýsaňyz, özbaşdak abatlaýyş işlerini geçirjek bolmaly däl. Bekleýjini ýapyp, soňra penjireleri we gapylary açmaly, elektrik enjamlaryny ellemeli däl. 04 belgä jaň edip, gaz howpsuzlygy gullugynyň işgärlerine habar bermeli.

Halkymyzyň eşretli durmuşda ýaşamagy ugrunda ýaýgyrdaýly aladalary eden hormatly Prezidentimiziň jany sag, başy dik, ömri uzak bolsun, tutýan tutumly işleri hemişe rowaçlyklara beslensin.

**Mergen AKMÄMMEDOW,**
*Aşgabat şäheriniň Polisiýa müdirliginiň Ýangyn howpsuzlygy bölüminiň 112-nji harbylaşdyrylan ýangyn howpsuzlyk bölüminiň müdiri, içerki gullugyň podpolkownigi.*

# HALKARA FORUMA ÝOKARY DEREJEDE TAÝÝARLYK GÖRÜLÝÄR



**Başlangyjy 1-nji sahypada.**

18-nji iýulda Türkmenistanyň DIM-inde BMG-niň Deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan ýurtlar boýunça üçünji maslahatyna (LLDC3) taýýarlyk boýunça brifing geçirildi. Brifinge Türkmenistanda akkreditirlenen diplomatik wekilhanalaryň ýolbaşçylary we wekilleri, şeýle hem Türkmenistanyň DIM-niň işgärleri gatnaşdylar. Brifingiň dowamynda bu iri çäräniň durnukly ösüş üçin halkara hyzmatdaşlygyny ösdürmek babatynda täsirli platforma hökmünde çykyş etjekdigi bellenildi.

BMG-niň Deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan ýurtlar boýunça üçünji maslahatyny ýokary guramaçylyk derejesinde geçirmek maksady bilen «Awaza» milli syýahatçylyk zolagynda gurluşyk we abadanlaşdyryş işleri alnyp barylýar. Şeýle hem halkara foruma gatnaşyjylary türkmen myhmansöýerlik ýörelgeleri esasynda garşylamak maksady bilen ýurdumyzyň ýokary okuw mekdeplerinden daşary ýurt dillerini suwara bilýän ýaş meýletinçiler, terjimeçiler we ýaş wagyzçylar habarçylar taýýarlanýar. Halkara forumyň çäklerinde guraljak medeni-ynsanperwer çäreleri, Merkezi Aziýa ýurtlarynyň milli günleriniň hormatyna guraljak dostluk konsertini, şeýle hem milli tagamlaryň festiwalyny geçirmek bilen baglanyşykly guramaçylyk işleri ýokary derejede alnyp barylýar.

**Meýrem ÝUSUBOWA,**
*Ýagşygeldi Kakaýew adyndaky Halkara nebit we gaz uniwersitetiniň mugallymy.*

# «ÝAŞYL» ENERGIÝA ARZANLAÝAR

Birleşen Milletler Guramasynyň Baş sekretary Antoniu Guterriş dünýäde gaýtadan dikeldilýän energiýa bekeltleriň 91 göteriminde elektrik energiýasyny öndürmegiň gazylyp alynýan energiýa çeşmeleri bilen işleýän bekeltlerden has arzan düşýändigini mälim etdi. BMG Energiýanyň gaýtadan dikeldilýän çeşmeleri boýunça halkara agentligi (IRENA), Halkara Pul Gaznasy, Halkara energiýa agentligi (HEA), Bütindünýä banky we Ykdysady hyzmatdaşlyk we ösüş guramasynyň goldawy bilen maglumat ýaýratdy. Maglumata görä, ösen tehnologiýa we bäsdeşlige ukyply üpjünçilik zynjyry gaýtadan dikeldilýän energiýa çeşmeleriniň adaty ýangyç serişdelerinden has amatly bolmagyna getiripdir.



Geçen ýyl elektrik energiýasyny öndürmekde Gün bekeltleri adaty ýangyç serişdelerine görä, 41%, suwüsti ýel bekeltleri 53% arzan bolupdyr. Gury ýerde gurlan ýel bekeltleri bolsa, has arzan bolmagynda galypdyr. Dünýäde geçen ýyl işe girizilen gaýtadan dikeldilýän energiýa bekeltleriniň önümçiligi 15,1% artyp, 582 gigawata ýetipdir. Bu görkeziji 2000-nji ýyldan bäri hasaba alnan iň uly ýyllyk ösüş bolupdyr.

Guterriş geçen ýyl arassa energiýa üçin 2 trillion amerikan dollaryna barabar maýa goýum goýlandygyny, bu möçberiň adaty energiýa çeşmelerine goýlan maýadan 800 milliard dollar köpdügini belledi.

**Atajan ROZYÝEW,**
*Türkmenistanyň Döwlet energetika institutynyň mugallymy.*

# SESDEN ÇALT GIDÝÄN SESSIZ UÇAR

ABŞ-nyň Aerokosmos edarasy (NASA) sesiň tizliginden ganty gidýän sessiz uçary synagdan geçirip başlady. Adatça, howa gämileriniň tizligi sesiň tizliginden geçeninde aşa güýçli ses çykarýar. NASA-nyň işläp taýýarlaýan «X-59» atly uçary sesiň tizliginiň 1,4 essesine barabar. Şeýle uçar işe girizilende, London bilen Nýu-Ýork şäherleriniň arasyny 4 sagatdan az wagtda geçip bolar. Uzynlygy 30 metre, ganatynyň açyklygy 9 metre barabar bolan uçaryň dizaýny aşa köp ses çykarmazdan uçmaga mümkinçilik berýär. Kaliforniýanyň Palmdeýl sebitinde uçaryň pes tizlikdäki synag uçuşy geçirildi. Hünärmenler uçaryň ýerdäki işleýşine hem syn etdiler. NASA geljek hepdelerde uçaryň tizligini tapgyrlaýyn artdyrmak arkaly synaglary dowam etdirjekdiklerini bellediler. Inženerleriň ahyrky maksady uçaryň tizligini London bilen Nýu-Ýork şäherlerini 3,5 sagatda geçer ýaly etmekden ybarat. Mundan ozal 1970-nji ýyllarda öndürilen sesden tiz uçýan «Concorde» uçarlarynyň iň soňky gatnawy 2003-nji ýylyň 24-nji oktýabrynda amala aşyrylypdy.



# Yssy howada saglygyňyzy goraň!

**Tomus paslynyň gelmegi bilen günüň belli bir wagtynda Günüň işjeňligi adaty ýagdaýyndan has-da artýar. Günüň ultramelewşe şöhlesiniň deriniň ýanmagyna, hatda onda howply täze döremeleriň emele gelmegine getirip biljekdigini unutmaly däldiris. Günüň kadaly işjeňliginde ondan gelýän şöhle bedeni pugtalandyrýar, gan aýlanyşy gowulandyrýar, D witamininiň işlenip çykarylmagyna itergi berýär.**



**Günüň aşa gyzýan wagtynda saglygyňy goramak üçin degişli düzgünleri berjaý etmek möhüm bolup durýar. Tomus paslynda howanyň yssy wagtlarynda açyk howada gezmek saglyga ýaramaz täsir edip biler. Çünki adam bedeni çendenaşa gyzmak bilen suwuklygy we ýokumly maddalary bölüp çykarýar. Bu bolsa başagýlanma, ysgynsyzlyk, kelagyry, gan aýlanyşyň bozulmagy ýaly ýagdaýlara sebäp bolýar.**

**Yssy howada açyk reňkli egin-eşik we başgap geýmek, Günden goraýan äýnek dakynmak, saýawan götermek, günüň dowamynda 2 litr suwuklyk içmek maslahat berilýär. Ýagly, duzly iýmitlerden gaça durmaly, gök we bakja, süýt önümlerini iýip-içmeli. Gün şöhlesiniň dowamly täsiri bilen ganyň laglatanmak, beden agzalarynyň näsazlygy, beýni gan aýlanyşygynyň bozulmagy ýaly netijeleriň ýüze çykmak ähtimallygy artýar. Şonuň üçin elmydama maşgala lukmany bilen yzygiderli maslahatlaşyp durmaly, ýylyň dowamynda saglyk barlaglaryndan geçmeli, ilkinji kömek bermegiň düzgünlerini öwrenmeli.**

**Muhammetdurdy KASYMOW,**
***Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrliginiň Gaýragoýulmasyz tiz kömek merkeziniň bölüm müdiri.***

# Uçar ýolagçylarynyň sany artýar

Halkara awiasiýa gatnawlary bileleşigi (IATA) uçar ýolagçylarynyň sanynyň 2043-nji ýyla çenli 8,6 milliarda ýetjekdigini habar berýär. Bu görkeziji häzirki wagtda 5,2 milliarda deň. Şeýle bolanda, awiakompaniýalar, uçar öndürijі kompaniýalar we howa menzilleri bu artyşa taýýarlyk görýärler. Maglumatlara görä, esasan, Aziýa-Ýuwaş ummany sebitinde has köp ösüşiň bolmagyna garaşylýar. Dünýäniň iň köp ilatly ýurdy bolan Hindistanda 100 töweregi täze howa menziliniň gurulmagyna garaşylýar. Nýu-Deliniň golaýynda gurulýan Noida Halkara howa menziliniň açylmagyna garaşylýar. Ilkibaşda diňe ýük gatnawy üçin peýdalanyljak aeroport soňra ýolagçy gatnawlarynyň gatnawynda hem peýdalanylar. Ýurtda 2030-njy ýyla çenli 21 goşmaça howa menzili gurlar, bar bolan aeroportlaryň 50-si giňeldiler. Dünýäniň dürli ýerlerinde hem täze howa menzilleri gurlar ýa-da bar bolan aeroportlar giňeldiler. BAE-niň «Dubai World Central» aeroporty giňeldilip, her ýylda 260 million ýolagça hyzmat etmegi üçin mümkinçilik döreditler. Londondaky Hitrou, Ispaniýadaky Madrid-Barahas we Barselona, Fransiýanyň paýtagtyndaky «Pariž-Şarl de Goll», Nýu-Ýorkdaky Jon F.Kennedi adyndaky, Singapuryň «Changi» aeroportlary giňeldiler. Awstraliýada bolsa 50 ýyldan soňra gurulýan howa menzili arassa energiýadan peýdalanjakdygy we daşky gurşaw bilen sazlaşyklydygy bilen tapawutlanar. Günbatar Sidneý Halkara howa menziliniň üçeginde 6 müňden gowrak Gün paneli oturdylar we ýagyş suwy ýygnalyp, peýdalanylar.



**Gülnara SAPARMÄMMEDOWA,**
*Myrat Garryýew adyndaky Türkmenistanyň Döwlet lukmançylyk uniwersitetiniň farmakologiýa kafedrasynyň uly mugallymy, lukmançylyk ylymlarynyň kandidaty.*

ZAMAN TÜRKMENISTAN
ESASLANDYRYJYSY – «ZAMAN–TÜRKMENISTAN» HOJALYK JEMGYÝETI
Iýul aýynyň 25-i, 2025
Gazetiň möçberi 8 sahypa. A-116786
Belgisi: 30/1648
Tiražy: 8105
Bahasy: 4,50 manat
BAŞ REDAKTOR MYRATDURDY GARJANOW
JOGAPKÄR KÄTIP AMANMYRAT BAÝMYRADOW
BIZIŇ SALGYMYZ: Aşgabat şäheri, 1908 (Gündogar) köçesi, 10-A jaýy.
Tel/Faks: 28-14-05, 28-14-36
web sahypa: www.zamanturkmenistan.com.tm
e-poçta: info.zamanturkmenistan@gmail.com, zamanturkmenistan@sanly.tm
BELLIK: Redaksiýamyza gelen hatlar yzyna gaýtarylmaýar. Gazetimize ýerleşdirilen mahabatlardaky ýazgylaryň mazmunyna mahabat berijі jogapkärdir. Gazet Türkmen döwlet neşiryat gullugynyň Metbugat merkezinde ofset usulynda çap edildi. Çap edilişiniň hiline Metbugat merkezi jogap berýär. Telefony: 399536.
Abuna ýazylmak isleýänler üçin gazetiň indeksi: 69477
Gazetiň PDF nusgasyny QR kod arkaly elektron görnüşde okap bilersiňiz!

# EMELI AŇY PEÝDALANMAGYŇ MÜMKINÇILIKLERI

**Bilim durmuşy özgerdýär, ýöne muňa garamazdan onuň özi hem bu ulgama ornaşdyrylýan täze tehnologiýalaryň hasabyna özgerýär. Türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyz «Bilim - bagtyýarlyk, ruhubelentlik, rowaçlyk» atly kitabynda: «Täze tehnologiýalar we okatmagyň häzirkizaman usullary ýurdumyzyň bilim ulgamyny kämilleşdirmegiň hem-de mundan beýläk-de ösdürmegiň zerur şertidir» diýip belleýär.**

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe ýurdumyzyň bilim ulgamynda emeli aňy peýdalanmak babatdaky türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyz tarapyndan başlanan oňyn başlangyçlar hormatly Prezidentimiz Arkadagly Gahryman Serdarymyz tarapyndan mynasyp dowam etdirilýär. Geljegi uly ugurlaryň biri hasaplanylýan emeli aňy bilim ulgamynda peýdalanmagyň mümkinçilikleri yzygiderli kämilleşdirilýär. Bilim işgärleriniň gatnaşmagynda webinarlar, maslahatlar geçirmek arkaly bu babatdaky halkara tejribe yzygiderli öwrenilýär.

Emeli aňyň bilim ulgamyndaky taryhy XX asyryň ortalarynda Stenford uniwersiteti tarapyndan ilkinji kompýuter programma üpjünçiliginiň (PLATO-Programmed Logic for Automated Teaching Operations) peýdalanylmagy bilen başlanýar. Bu programma üpjünçiligi (PLATO) talyplara, esasan, matematikanyň we tebigy ylymlaryň konsepsiýalaryny öwrenmäge kömek edipdir.

Bilim ulgamynda ulanylmaga başlanan ilkinji günlerinde, emeli aňdan mugallymyň okuwçylaryň gysga döwürde bilimini barlamak ýaly wezipesiniň ýeňilleşdirilmegine garaşylypdyr. Häzirki döwürde bolsa, ondan okuw-terbiýeçilik işi bilen baglanyşykly has giň gerimli işleriň ýerine ýetirilmegi umyt edilýär.




Emeli aňa esaslanýan tehnologiýalar, neýrosetler: gysga wagtyň dowamynda dersiň özleşdirilýän temasy boýunça oýlanyşykly meýilnamasyny taýýarlamaga mümkinçilik berýär; tema degişli baý maglumat goruny üpjün edýär; öwrenilýän okuw maglumatynyň düşnükli bolmagyny we ulanylýan ýerlerini kesgitleýär; okuw maglumatynyň okuwçy ýa-da talyp tarapyndan özleşdiriliş derejesini anyklamaga kömek edýär; mugallyma okuwçynyň ýa-da talybyň okuw maglumatyny özleşdiriş derejesine görä aýratynlykda çemeleşmäge kömek edýär; maglumatlar bilen işlemäge bolan çemeleşmäni kämilleşdirýär; maglumatlary tapmaga, seljermäge we täze pikirleri döretmäge mümkinçilik berýär; daşary ýurt dillerinde ýazylan ylmy maglumatlaryň özümize zerur bolan dile terjime edilmegine kömek edýär; öwredilýän okuw maglumatyny okuwçylaryň ýa-da talyplaryň ýeňil özleşdirmegini üpjün edýär; taslamalary taýýarlap berýär; daşary ýurt dilini öwrenmegiň, haýsydyr bir temada ylmy işi ýerine ýetirmegiň ýol kartasyny taýýarlamagy üpjün edýär; mugallymyň sapaga taýýarlanmagy üçin sarp edýän wagtyny tygşytlamaga kömek edýär; bilim ulgamyndaky maglumatlary seljermegi üpjün edýär. Umuman aýdylanda, emeli aňa mahsus bolan bu aýratynlyklar okatmagyň iň täsirli serişdesi hökmünde onuň bilim ulgamynda peýdalanylmagyna giň mümkinçilikleri açýar.

**Güýçmyrat SOLTANMYRADOW,**
*Türkmen döwlet maliýe institutynyň jemgyýeti öwreniş ylymlary kafedrasynyň uly mugallymy.*

# BILIM ULGAMY TOPLUMLAÝYN ÖSDÜRILÝÄR

**Hormatly Prezidentimiz bilim ulgamyna aýratyn üns bermek bilen, döwrebaplaşdyrmak we innowasion ösüş şertlerinde hünär bilimi edaralarynyň işiniň hil derejesiniň ýurdumyz üçin möhümdigini yzygiderli nygtaýar. Milli Liderimiziň başyny başlan özgertmelerini üstünlikli dowam etdirýän hormatly Prezidentimiz milli bilim ulgamynyň ilkinji nobatdaky wezipelerini anyklaşdyrmak, ony umumymilli ösüşiň wajyp ugry hökmünde kesgitlemek bilen, bu ulgamy halkara derejä çykarmagy döwlet we jemgyýetçilik durmuşynyň ähli ugurlaryny döwrebaplaşdyrmak boýunça alnyp barylýan işleriň özeni hökmünde görkezýär.**

Ýakynda geçirilen Ministrler Kabinetiniň giňişleýin mejlisinde hormatly Prezidentimiz Türkmenistanyň ýokary okuw mekdeplerine welaýatlar, Aşgabat we Arkadag şäherleri boýunça okuwa kabul etmegiň meýilnamasyny tassyklamak hakynda Buýruga gol çekdi. Resminama laýyklykda, ýokary we orta hünär okuw mekdeplerine okuwa kabul etmegi 2025-nji ýylyň 14-nji iýuly – 25-nji awgusty aralygynda guramak hem-de giriş synaglaryny ýokary we orta hünär okuw mekdepleriniň ýerleşýän ýerinde geçirmek bellenildi.

Hormatly Prezidentimiz Hökümetiň giňişleýin mejlisinde eden çykyşynda ýokary okuw mekdeplerine zehinli, mynasyp ýaşlaryň kabul edilmelidigini, giriş synaglarynyň guramaçylykly we adalatly geçirilmelidigini, jemgyýetçilik gözegçiliginiň ýola goýulmalydygyny nygtady. Bu möhüm möwsümi talabalaýyk derejede guramak maksady bilen, hormatly Prezidentimiz 2025-nji ýylda Türkmenistanyň ýokary we orta hünär okuw mekdeplerine okuwa kabul etmek boýunça döwlet toparynyň düzümini tassyklamak hakynda degişli Buýruga gol çekdi. Döwlet toparyna şu ýylda ýurdumyzyň ýokary we orta hünär okuw mekdeplerine okuwa kabul etmäge guramaçylyk-usulyýet taýdan ýolbaşçylyk etmek we onuň bellenen tertipde geçirilmegini guramak tabşyryldy. Welaýatlaryň, Aşgabat, Arkadag şäherleriniň häkimlikleri Türkmenistanyň ýokary we orta hünär okuw mekdeplerine okuwa kabul etmek boýunça iş toparlarynyň talabalaýyk işlemegi üçin zerur şertleri döretmäge borçly edildi.

Ýurdumyzyň saýlap alan innowasion ösüş nusgasy ähli ulgamlaryň hem-de pudaklaryň hünärmenlerinden ýokary hünär ussatlygyny, ylmy mümkinçilikleriň yzygiderli artdyrylmagyny talap edýär. Munuň özi döwrebap aň-düşünjeli nesli kemala getirmekden, giň dünýägaraýyşly, hemmetaraplaýyn bilimli, döredijilikli pikirlenýän, ylmy-tehniki ösüşiň gazananlaryndan baş çykarýan hünärmenleri taýýarlamakdan ybaratdyr. Döwrebap ýokary okuw mekdepleriniň açylmagy, ýokary we orta hünär okuw mekdeplerine kabul edilýän talyplaryň sanynyň yzygiderli artdyrylmagy, tutuş ýurdumyz boýunça mekdepleriň, çagalar baglarynyň gurulmagy, okuw işiniň kompýuter ulgamlarynyň esasynda alnyp barylmagy bu ugurda anyk ädimlerdir. Şunuň bilen baglylykda,



hormatly Prezidentimiz şu ýylyň 27-nji iýunynda Ministrler Kabinetiniň sanly ulgam arkaly geçirilen mejlisinde Türkmenistanyň Senagatçylar we telekeçiler birleşmesiniň müdiriýetiniň kararyny makullap, Halkara senagatçylar we telekeçiler uniwersitetini döretmek hakynda Permana, täze döredilýän uniwersitetiň ýolbaşçylaryny bellemek bilen bagly degişli resminamalara gol çekdi.

Şu ýyl Halkara senagatçylar we telekeçiler uniwersitetiniň açylmagy, Türkmenistanyň Döwlet energetika institutynyň täze goşmaça okuw binasynyň ulanmaga berilmegi Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň baştutanlygyndaky giň gerimli özgertmeleri durmuşa geçirmegiň ýolunda nobatdaky ädim bolar. Bu ugurda gazanylýan üstünlikler ýokary okuw mekdepleriniň işiniň kämilleşdirilmeginde hem öz beýanyny tapýar. Täze hünärleriň girizilmegi munuň anyk mysallarynyň biridir. Bu bolsa dalaşgärleriň geljekde zähmet çekjek hünärlerini saýlap almagy, zähmet bazarynyň zerurlyklaryna laýyklykda bilim ulgamyny kämilleşdirmek üçin giň mümkinçilikleri döredýär. Şunda iň gowy dünýä tejribesiniň öwrenilmegine, daşary ýurtly hyzmatdaşlar bilen ynsanperwer ulgamda netijeli, özara gatnaşyklaryň ösdürilmegine uly ähmiýet berilýär. Bu babatda ýurdumyzyň yzygiderli ilerleýän ylym-bilim diplomatiýasynyň ähmiýetiniň uludygyny bellemek gerek.

Halkara senagatçylar we telekeçiler uniwersitetinde sapaklary geçmek üçin bellenilen tertipde daşary ýurtlardan mugallymlary we hünärmenleri çagyrmak göz öňünde tutulýar. Munuň özi bu ýokary okuw mekdebiniň sanlyja ýyldan döwletimiziň işewürlik gurşawy üçin ýokary derejeli hünärmenleriň ýetişdirilýän esasy merkezine öwrülmegini şertlendirer. Ýurdumyzyň ýokary okuw mekdeplerinde sanly ulgam arkaly okatmak usuly işjeň ösdürilýär. Olaryň web saýtlarynda ýokary okuw mekdepleri, şol sanda olaryň düzümi, bilim maksatnamalary, sanly platformalary, fakultetler, hünärler barada, şeýle hem dalaşgärler üçin maglumatlar ýerleşdirilýär.

Ýurdumyzda daşary döwletleriň iri bilim we ylym merkezleri, abraýly halkara guramalar, şol sanda BMG-niň ýöriteleşdirilen edaralary bolan Ösüş maksatnamasy, ÝUNISEF, ÝUNESKO bilen hyzmatdaşlyk täze mazmuna eýe boldy. Bu düzümler bilen bilelikde birnäçe taslamalar durmuşa geçirilýär. Bilim ulgamynda netijeli hyzmatdaşlygy çuňlaşdyrmak, ýokary okuw mekdepleriniň arasyndaky gatnaşyklary ösdürmek, talyplardyr mugallymlary alyşmak hormatly Prezidentimiziň we Gahryman Arkadagymyzyň daşary ýurtlara amala aşyrýan saparlarynyň çäginde guralýan duşuşyklaryň,



Hökümet we pudagara derejedäki gepleşikleriň hem gün tertibindäki hemişelik ugurlardyr. Gazanylan ylalaşyklar bolsa degişli ikitaraplaýyn resminamalaryň gol çekilmegi bilen berkidilýär. Ýurdumyzyň kanunçylygy we Türkmenistanyň halkara şertnamalary esasynda ýaşlaryň halkara hyzmatdaşlygyny ösdürmek maksady bilen, hormatly Prezidentimiziň gol çeken Kararyna laýyklykda, «Türkmenistanyň ýaşlarynyň halkara hyzmatdaşlygynyň 2023–2030-njy ýyllar üçin Strategiýasy» tassyklanyldy. Bularyň ählisi döwletimiziň intellektual mümkinçilikleriniň, adam maýasynyň, işgärler kuwwatynyň artmagyna, hemmetaraplaýyn ösen ýaş nesilleri terbiýeläp ýetişdirmäge gönükdirilendir.

Bilim-ylym ulgamyna sanly, maglumat-aragatnaşyk tehnologiýalary ornaşdyrylýar. Mugallymlaryň hünär derejesi ýokarlandyrylyp, ýurdumyzyň hem-de daşary döwletleriň okuw mekdepleriniň arasynda halkara gatnaşyklar ösdürilýär. Türkmenistan dünýäniň abraýly ylym we bilim merkezleri bilen ýakyn gatnaşyklary ýola goýmak bilen, daşary döwletlerde okaýan türkmen talyplarynyň sanynyň ep-esli artmagyny gazandy hem-de halkara ylmy barlaglara, ýokary okuw mekdepleriniň arasyndaky akademiki alyşmalara gatnaşmagyny giňeltdi. Ýurdumyzda durmuşa geçirilýän «Açyk gapylar» we giň halkara hyzmatdaşlyk syýasaty netijesinde ýurdumyzyň ýokary okuw mekdepleriniň wekilleri daşary ýurtly kärdeşleri bilen işjeň hyzmatdaşlyk edýärler, öňdebaryjy dünýä tejribesine laýyklykda, okuw maksatnamalaryny, meýilnamalaryny, okuw kitaplaryny, gollanmalary yzygiderli kämilleşdirýärler.

Hormatly Prezidentimiziň yzygiderli goldawlary netijesinde türkmen mekdep okuwçylary we talyplary halkara we döwlet derejesinde geçirilýän olimpiadalara işjeň gatnaşyp, ýokary netijeleri gazanýarlar. Munuň şeýledigine şu ýylyň birinji ýarymynda ýurdumyzyň okuwçylarynyň hem-de talyplarynyň halkara ders, internet olimpiadalaryndan 748 medala mynasyp bolmaklary hem şaýatlyk edýär. Ýaşlaryň arasynda giň gerimli maglumat beriş, tanyşdyryş işi bilen utgaşan dalaşgärleri okuwa kabul etmek möwsümi hem ýaş oglan-gyzlaryň täze bilimleri öwrenmäge, netijede, Watanymyzyň intellektual, ykdysady kuwwatyna öz goşantlaryny goşmaga höweslidigini tassyklaýan ýokary işjeňlige eýe boldy.

Ýurdumyzda ministrlikleriň we pudaklaýyn dolandyryş edaralarynyň garamagynda birnäçe orta hünär okuw mekdepleri hereket edýär. Munuň özi halk hojalygynyň dürli pudaklary üçin ýokary derejeli ugurdaş hünärmenleriň taýýarlanylyşyny ýokary hil derejesine çykarmaga mümkinçilik berýär. Ylmy-tehniki ösüşiň täze gazananlaryny özünde jemleýän ýurdumyzyň häzirki döwrüne maksada okgunly, zähmetsöýer ýaş nesli kemala getirmek, döwrebap enjamlardan ussatlarça baş çykarýan ökde hünärmenleri taýýarlamak üçin bilim ulgamyny okgunly ösdürmek mahsusdyr. Ýurdumyzda şu ýyl ýokary we ýörite orta hünär okuw mekdeplerine kabul edilýän talyplaryň sanynyň artdyrylmagy, täze hünärleriň açylmagy, hünär bilimi ugurlarynyň giňeldilmegi bu babatda täze anyk ädimler bolar.

**Maksat BERDIÝEW,**
*Türkmenistanyň Inžener-tehniki we ulag kommunikasiýalary institutynyň mugallymy.*

# TÜRGENLERIŇ IÝMITLENMEK KADALARY

**Türgenleriň iýmiti beýleki adamlaryňkydan düýpgöter tapawutlanýar. Birinjiden, sport, onda-da onuň agyr görnüşleri bilen yzygiderli meşgullanýan adamlaryň bedenine uly agram düşýär. Ikinjiden, güýçli depginde alnyp barylýan türgenleşikleriň dowamynda bedende has köp energiýa sarp edilýär. Galyberse-de, ýaşaýyş üçin derwaýys maddalar: uglewodlar, beloklar, ýaglar, witaminler, makro-mikroelementler köp mukdarda harçlanylyp, olaryň öwezini dolmak zerur bolýar.**

Eýsem, türgen uly agram salnandan soň bedenini dikeltmek, ony ýeterlik energiýa hem-de täze öýjükleri öndürmek üçin gerek bolan material bilen üpjün etmek üçin nähili iýmitlenmeli? Beden ýangyç hökmünde ilki uglewodlardyr beloklary we beýleki peýdaly maddalary, soň ýaglary sarp edýär. Peýdaly maddalaryň uly ýitgisine ýol bermezden ýaglaryň ýakylmagyny gazanyp bolýarmy? Elbetde, munuň üçin dogry iýmitlenmeli. Gündelik ulanýan iýmitiňde witaminleriň, mineral duzlaryň, uglewodlaryň, aýratyn hem beden üçin gurluşyk materialy bolup durýan beloklaryň ýeterlik bolmagyny gazanmaly. Beloklar diňe bir türgenleriň däl, eýsem, islendik bir adamyň iýmitiniň möhüm düzüm bölegi bolup, bedeniň ösmeginde, pugtalanmagynda, beden ulgamlarynyň öz funksiýasyny kadaly ýerine ýetirmeginde uly ähmiýete eýe bolup durýar:

- Beloklar bedende bolup geçýän ähli biologiki hadysalary tizleşdirýän katalizator (himiki we biologiki hadysalary çaltlandyrýan ýa-da haýallaşdyrýan madda) bolup durýar.
- Beden öýjüklerinde bolup geçýän energetiki alyş-çalyş hem-de madda çalşygy belok fermentleriniň işjeňligine bagly bolup durýar.
- Beloklar gormonlaryň düzümine girýär we bedeniň ösüşine täsir edýär.
- Proteinler dokumalary kislorod we iýmitlendiriji maddalar bilen üpjün edip, daşaýjynyň funksiýasyny ýerine ýetirýär.
- Spesifiki belok molekulalary bolup durýan antitelolar bedeniň immun goraglylygyny üpjün edýär.

Türgenlere beloklaryň egsilmez çeşmesi hökmünde



balygy, iň gowusy deňiz balygyny, eti, ýumurtgany, süýt önümlerini yzygiderli iýmek maslahat berilýär. Deňiz balyklarynda beloklardan başga ornuny tutup bolmaýan polidoýgun däl ýag kislotalary, ýumurtgada aminokislotalar, ýaglar we witaminler, süýt önümlerindäki belokda adam bedeninde işlenilip çykarylmaýan metionin belogy köpdür. Türgenler öz iýmitinde etiň ýagsyz görnüşlerini: guşuň, öý towşanynyň, göläniň etini ulanmalydyr. Olar öz iýmitini düzgünleşdirende bedene uly agram düşýändigi sebäpli uglewodlaryň köp mukdarda sarp edilýändigini hem göz öňünde tutmaly. Bedeniň uglewodlara bolan talaby çalt özleşýän ýönekeý uglewodlaryň däl-de, çylşyrymly uglewodlaryň hasabyna kanagatlandyrylmalydyr. Çylşyrymly uglewodlar goňur tüwüde, bugdaýda, çogdary unundan bişirilen çörekde, miwelerde, gök önümlerde, çalt özleşýän ýönekeý uglewodlar bolsa limonadda, ak gantdyr şekerde, tortda, şokoladda we beýleki süýji tagamly önümlerde saklanýar. Şekeriň deregine bal iýmeli. Sebäbi balda uglewodlardan başga witaminlerdir makro-mikroelementleriň köp görnüşi saklanýar. Iň gowusy, şekeri iýmitiňden hemişelik aýyrmaly. Naharlara we işdäaçarlara peýdaly maddalara baý deňiz duzuny goşmaly. Gowrulyp bişirilen ýagly naharlar, ýiti tagamly önümler, kömelek, alkogolly içgiler, ýarym taýýar (polufabrikat) we fast-fud (tiz tagam) önümler, ýogurtlar, külkeden taýýarlanan miwe we gök önüm şireleri uly agram salynýan bedeni dikeltmäge, gurplandyrmaga kömek etmeýär, tersine zyýanly täsirini ýetirip bilýär.

Türgenleriň energetiki gymmatlykly iýmitiniň 30%-i uglewodlardan, 60%-i beloklardan, 10%-i ýaglardan ybarat bolmalydyr. Bedeni witaminler, makro-mikroelementler bilen ýeterlik derejede üpjün etmek üçin diňe bir bu maddalara baý önümleri däl, eýsem, witamin-mineral toplumlaryny hem ulanmaly. Olary sport lukmanynyň maslahaty bilen kabul etmeli. Witaminler bedeniň fiziologiki ýagdaýyna, ösüşine, maddalaryň alyş-çalşyna güýçli täsir edýär.

Mineral duzlar hem, edil ýaglar, beloklar, uglewodlar, suw, witaminler ýaly wajyp bolup, bedende bolup geçýän ýaşaýyş üçin derwaýys hadysalara gatnaşýar. Olar:

- Ganda we dokumalarda bolup geçýän ähli himiki-biologiki hadysalary işjeňleşdirýär.
- Ganyň we dokuma suwuklygynyň basyşynyň kadaly ýagdaýda saklanmagyny üpjün edýär.
- Turşulyk-aşgarlylyk deňeçerliginiň (balans) üpjün edilmegine ýardam edýär.
- Iýmitiň siňmegini tizleşdirýär.
- Ödüň bölünip çykmagyna itergi berýär.

Türgenleriň iýmiti olaryň jynsyna, ýaşyna, bedeniniň fiziologiki aýratynlyklaryna, sportuň haýsy görnüşi bilen meşgullanýandygyna laýyklykda düzgünleşdirilýär. Muňa garamazdan, olaryň hemmesiniň iýmitinde beloklaryň, uglewodlaryň, ýaglaryň, mineral duzlaryň, witaminleriň ýeterlik bolmagyny gazanmak hökmandyr. Sebäbi diňe bir sportuň agyr görnüşleri däl, eýsem, ýeňil



görnüşleri boýunça türgenleşikleriň, ýaryşlaryň geçirilýän wagtynda hem ýürek-damar, iýmit siňdiriş, dem alyş ulgamlary ýokary depginde işleýär. Beden ýüregiň işini, iýmit siňdirişi, dem alşy goldamak üçin örän köp energiýa sarp etmeli bolýar. Iýmitiňde ýaşaýyş üçin derwaýys maddalar ýeterlik bolmasa, energetiki deňagramlylyk bozulyp, beden gowşaýar, gurpdan gaçýar.

Umumylaşdyrylyp aýdylanda, türgeniň iýmit düzgüni ähli taraplaýyn göz öňünde tutulyp, işlenilip düzülmelidir.

**Myrat MUHAMMEDOW,**
*Onkologiýa ylmy-kliniki merkeziniň kelle-boýun çiş keseller bölüminiň müdiri.*

# YKBALYNY SUNGATA BAGYŞLAN HALYPA

**Gursagyňda gaýnap duran yhlasyň, ýanyp duran zehiniň bolmasa, hiç bir kärdenem kemal tapyp bolanok. Eger ähli yhlasukybyňy, gujur-gaýratyňy öz käriňe bagyş etseň, gol beren hünäriň durmuşda at-abraýa, sylag-hormata, rysgal-döwlete eýe edýär. Beýik Pyragynyň:**

**– Yhlas bilen bir kämilge gol beren,**
**Ýeter bir menzile, ýetmeýen galmaz**

**– diýen dürdäne setirlerini akyl eleginden geçireniňde, saýlan kärine yhlas bilen gol beren adamyň durmuşda öz maksadyna ýetjekdigine, kesbinden kemal tapjakdygyna anyk göz ýetirýärsiň.**

Akkordeon saz guralynda ilkinji bolup saz çalyp, aýdym aýdyp, «akkordeonly aýdymçy» diýen at bilen abraýy çar ýana ýaýran ussat kompozitor, Türkmenistanyň halk artisti Mämi Çaryýew hem öz ýürek mährini, göwün yhlasyny öz kärine bagyş edip, şol käriňden bagt, döwlet, abraý tapan adamlaryň biri. Türkmen aýdym-saz sungatynyň estrada görnüşiniň il içinde şeýle uly söýgä eýe bolmagynda ummasyz köp zähmet siňdirip, türkmen professional aýdym-saz äleminde iň bir öndümli işlän Mämi Çaryýew barada geçen asyryň 60-70-nji ýyllarynyň nesli has anyk aýdyp biler. Meniň özüm-ä ony 1960-njy ýyllardan bäri ýakyndan tanaýaryn, döredijiligine-de belet. Şonuň üçin hem turuwbaşdan bir zady belläp geçesim gelýär: Ussat aýdymçy kompozitoryň döreden, ýerine ýetiren aýdym-sazlary şol ýyllaryň durmuşyna özboluşly bezeg berip, halkyň kalbyna mäkäm ornaşdy. Onuň aýdym-sazlaryna aýratynam ýaşlar aşykdy. Diýarymyzyň çar künjeginde onuň gulaga ýakymly mylaýym owazyny, megerem, diňlemedik ýokdur.

Ilimiz şeýle aýdym-saz hazynamyzy döredenleriň sarpasyny belent tutup gelýär. Halypa bagşy-sazandalarymyzyň goýup giden mirasy aýawly saklanylyp, olaryň owazy ajaýyp döwrümiziň sungaty bilen sazlaşyp alyslara ýaýraýar. Türkmen ilinde bagşy bolup, saz ussady bolup ýaşamak – beýik mertebe. Bu bagtdan kompozitor Mämi Çaryýew hem ýetdik paýyny alan ussat. Mämi Çaryýew 1940-njy ýylyň 12-nji ýanwarynda Baýramaly etrabynyň Ýalkym obasynda dünýä inýär. Geljekki meşhur aýdymçynyň zehini mekdep partasyndaka ýüze çykýar. Mekdepde geçirilýän dabaralarda onuň sesi belent ýaňlanýar. 1956-njy ýylda çeper höwesjeňleriň respublikan gözden geçirilişinde üstünlikli çykyş edip, iň oňat aýdymçy hökmünde ykrar edilýär hem-de A.Gulmämmedow, M.Kulyýewa, D.Öwezow, A.Esadow, G.Japarow ýaly tanymal ussatlaryň ýokary bahasyna mynasyp bolýar. Şonda kompozitor D.Öwezow ýaş aýdymça aýdym-saz ugrundan bilimini artdyrmak üçin sazçylyk mekdebine okuwa girmegi maslahat berýär. M.Çaryýew 1960-njy ýylda Aşgabatdaky Türkmen döwlet sazçylyk mekdebini tamamlap, Moskwadaky medeniýet institutynyň hor dirižýorlaryny taýýarlaýan bölüminde okuwyny dowam etdirýär. Okuwyny üstünlikli tamamlap, ol Türkmenistana dolanýar. Öz durmuşyny tutuşlygyna aýdym bilen baglaşdyran Mämi zähmet ýoluna Mary şäherindäki halk döredijiligi öýüniň hor boýunça hünärmeni bolup başlaýar. Onuň döreden hor topary 1960-njy ýylda gözden geçirilişde oňat çykyş edip, 1-nji orna mynasyp bolýar. Haçan-da Marynyň Kemine adyndaky drama teatrynda işläp ýörkä, ol «Murgap owazlary» atly estrada toparyny esaslandyrýar. Bu topar öz döwründe halkyň uly söýgüsine mynasyp bolupdy. Onuň repertuarynda türkmen, özbek, azerbaýjan, garagalpak aýdym-sazlary bardy. «Murgap owazlarynyň» sesi okuwçylaryň, işçileriň, daýhanlaryň, çopanlaryň, nebitçileriň arasynda, garaz, ýurduň çar künjeginde diňlenilýärdi.



Şu günki gün ýaly ýadymda, tomus aýlarynyň bir günüdi. Daýhan birleşigimiziň radiouzelinde Mämi Çaryýewiň ýolbaşçylygynda «Murgap owazlary» atly estrada toparynyň çykyş etjekdigini eşidenimizde begenjimiziň çeni-çaky bolmady. Garaşylan pursat gelip ýetdi. Ýazky klubuň içi mähelleden hyryn-dykyndy. Oturmaga boş oturgyç hem galmandy. Bagşy-sazandalar aýdym aýdandan soňra, egni akkordeonly Mämi sahna gelende, tomaşaçylar ör turup, dowamly el çarpyşmalar bilen mähirli garşylapdylar. Haçan-da ol özüniň şirin, ýakymly owazy, belent sesi bilen birnäçe aýdymlary aýdyp, hemmeleri özüne maýyl edip, sahnadan gitmekçi bolanda, oňa ýene çykyş etmegi haýyş edipdiler. Şol sapar Mämi aga Hindistana gidişleri, onuň ajaýyp tebigaty, dünýä belli taryhy ýadygärlikleri, taryhy şahsyýetleri, garaz, özünde galdyran täsirleri barada hem gyzykly gürrüň beripdi. Ýeri gelende bellesek, 1970-nji ýyllarda biz welaýatymyzyň türkmen dili we edebiýaty mugallymlary bolup, Mary şäheriniň mähellesi egsilmeýän şowhunly medeniýet köşgünde Magtymgulynyň döredijiligine bagyşlap, edebi çäre geçirenimizde Mämi Çaryýew hem gatnaşypdy. Magtymgulynyň döredijiligi baradaky çykyşlardan soňra nobat bagşy-sazandalara ýetdi. Şonda ol Magtymgulynyň sözlerine «Näme sen?» diýen aýdymy akkordeonyň sesine goşup, ýokary ussatlyk bilen aýdanda mähelle tutuş gulaga öwrülip diňläpdi.

Şol ýyllar Annaberdi Atdanowyň, Öwezgeldi Tekäýewiň halk söýgüsini gazanan aýdymlary bilen bilelikde Mämi Çaryýewiň «Toýuma, gel, toýuma», «Dilden ogrynça», «Pagta ýygýan maşynyma», «Ülkämiň toý saçagynda», «Türkmen gözeli» ýaly aýdymlary tüýs ilhalar aýdymlara öwrülipdi. Üç ussadyň aýdym-sazlaryna diňe bir ýurdumyzyň we ozalky soýuzyň çäklerinde däl, eýsem, daşary ýurtlarda-da el çarpyşýardylar. Jahankeşde kompozitor Mämi Çaryýew otuz töweregi ýurtda bolup, mahmal ýaly mylaýym owazy bilen türkmen aýdym-saz sungatynyň şöhratyny arşa göterdi. Onuň ýakymly sesini Bolgariýa, Daniýa, Liwiýa, Alžir, Hindistan ýaly ýurtlarda, Arap ýurtlarynda we Afrikada diňlediler. Şeýle hyzmatlary üçin oňa «Türkmenistanyň at gazanan medeniýet işgäri», «Türkmenistanyň halk artisti» diýen hormatly atlar dakyldy. Kompozitor 1996-njy ýylda «Watana bolan söýgüsi üçin» diýen medal bilen sylaglandy.

Döwrümiziň belli kompozitory Çary Nurymow Mämi Çaryýewiň döredijiligine «Türkmen halk aýdym-sazlary bilen täze estrada sazlarynyň arasyndaky köpri» diýip baha beripdi. Ol 80-den gowrak aýdym-sazyň hem awtorydyr. Olar dürli temalardan döredilen hem bolsa, esasan, ata Watana, ene topraga, perzende söýgi, halal zähmetiň waspy ýaňlanýar.

Mämi Çaryýew diňe bir türkmen nusgawy edebiýatynyň görnükli wekilleri Magtymgulynyň, Mollanepesiň, Zeliliniň, Seýdiniň sözlerine aýdymlary döretmek bilen çäklenmän, eýsem, öz döwürdeş şahyrlary Akmyrat Çaryguly – Erkin, Ata Abdyrahmanow, Aman Annamyradow, Arzygül Amanlyýewa, Tagan Söhbedow dagy bilen bile işleşip, olaryň goşgularyna ençeme ajaýyp aýdymlar döredipdi. Kompozitoryň bütin döredijiligi durmuşy, adamlary, tebigatyň hem ýaşaýşyň gözelligini ussatlyk bilen wasp etdi. Onuň aýdym-saz äleminde şatlyk, bagtyýarlyk, geljege bimöçber ynam duýgulary gaýnap joşdy. Saz muşdaklarynyň näme üçin Mämi Çaryýewiň nurana saz dünýäsine hemişe teşne bolýandygynyň syry hem şundadyr. Çünki Mämi Çaryýewiň çeşme kibi dury hem joşgunly aýdym-sazlary diňleýjini birjigem gussa batyrmaýar, tersine onuň göwnüni galkyndyryp, ruhuna ruh goşýar. Kompozitor gam-gussany ret edip: «Daş-töweregiňe seret, ýaşamak nähili uly bagt, şeýle bagtyň gadyryny bil» diýip, adamlary wepalylyga, ynsanperwerlilige, birek-birege mähremlige, mahlasy dünýädäki iň gowy tutumlara çagyrýar.

Mämi Çaryýewiň döredijiligi tema jähtden hem alanyňda köptaraply. Ol döwür bilen deň gadam basyp, durmuşyň sesine ses goşdy. Onuň söýgi temasyndan döreden «Ýadyňda dälmi?», «Türkmen gözeli», «Piala», «Garagyz», «Näzlim», «Gözleriň» diýen aýdymlary; dürli temalardan: «Paş eder seni», «Zor bolar», «Il ýagşy», «Ýadyma düşdi», «Elwan güller», «Toýuma, gel, toýuma», «Pagta ýygýan maşynyma», «Palaw hakda aýdym», «Sapar çaýçy», «Gül çagajyk» ýaly kalbyňa ýol salýan onlarça ajaýyp aýdymlary diňleýjileriň hemişelik hemrasy bolup, il arasynda giňden meşhurdyr. Bu aýdymlar Mäminiň yhlasy, daş ýarýan zehini arkaly söýlüp diňlenipdi. Häzirki güne çenli külli türkmeniň saýrak dilli, hoş owazly bilbili, halypa kompozitor Mämi Çaryýewiň aýdan aýdymlarynyň 50-den gowrak ýazgysy teleradioýaýlymlaryň üsti bilen aýdym-saz muşdaklaryna ýetirilýär. Telewideniýäniň aýdym-saz hazynasynda-da bu ussadyň aýdan aýdymlarynyň üç sagatlyga golaýlaýan wideoýazgylary saklanylýar we teletomaşaçylaryň dykgatyna ýetirilip durulýar. Aýdan aýdymlarynyň gramplastinkasy, döreden aýdymlarynyň özbaşdak ýygyndylary hem ençeme gezek çykaryldy.

Halypa kompozitor Mämi Çaryýew iş-aladalarynyň arasynda aýaly Dünýägözel eje bilen gyzlary Gülälek, Gunça, ogullary Döwlet, Allamyrat dagyny terbiýeläp ýetişdirdi. Olar iliň gowusyna goşulyp, ata sargytlaryny berjaý etmek üçin çalyşýarlar. Onuň ogullary Döwlet Mary etrap medeniýet bölüminiň Medeniýet merkezinde, Allamyrat «Ýaşlyk» teleýaýlymynda, gyzlary Gülälek Marynyň Ýolaman Hummaýew adyndaky sazçylyk mekdebinde, Gunça bolsa Türkmenistanyň Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy adyndaky Baş akademiki drama teatrynda işläp ýörler.

Milli medeniýetimizi, türkmen aýdym-saz sungatymyzy aýdyň ýollar bilen beýik ösüşlere alyp barýan Gahryman Arkadagymyzyň, hormatly Prezidentimiziň janlary sag, ömürleri uzak, belent başlary aman bolsun!

**Akmyrat REJEPGULYÝEW,**
*Ýolöten etrabyndaky 44-nji orta mekdebiň mugallymy, ylym-bilim işgärleriniň Kärdeşler arkalaşygynyň işjeň agzasy.*

# DÜNÝÄ TÄZELIKLERI

gysga setirlerde

**Monronyň pasport suraty satyldy.** Merilin Monronyň gol çekilen pasport suraty auksionda 21 müň dollara satyldy.



Surat 1954-nji ýylda, amerikaly aktrisanyň beýsbolçy Jo Di Majo bilen toýundan birnäçe hepde soň düşürildi. Jübütler toýdan soň Ýaponiýa syýahat etmegi meýilleşdirýärler. Merilin Monronyň pasport gullugynyň işgärine galdyran pasport suratynda «Jenap Boldsa, sag boluň, iň gowy arzuwlar bilen Merilin Monro Di Majio» diýen ýazgy bar.

**Ýazyjynyň jaýy satuwa çykaryldy.** Meşhur iňlis ýazyjysy Redýard Kiplingiň (1865-1936) ýaşan Tisberi obasyndaky wiktorian mülki 3,6 million funt sterlinge satuwa çykaryldy.



Häzirki wagtda mülküň durky täzelenipdir. Jaýda myhman otagy we iki sany goşmaça ýatylýan otag bar. 2013-nji ýylda bu mülk ady aýdylmadyk alyja 1,2 million ýewro satyldy. «Jeňňel kitaplarynyň» awtory bolan iňlis ýazyjysy Nobeliň edebiýat baýragynyň eýesidir.

**Kiwi guşunyň görnüşi tapyldy.** 50 ýyl bäri ýok bolup giden hasaplanýan kiwi guşunyň iň kiçi görnüşi Täze Zelandiýada tapyldy.



Ýurduň Ýabany tebigaty goramak ministrliginiň maglumatlaryna görä, 1978-nji ýyldan bäri ýurduň çäklerinde seýrek duş gelýän ownuk menekli kiwi guşy departamentiň gözegçisi Ien Grem tarapyndan Günorta adanyň günbatar kenaryndaky aýratyn gorag meýdançasyndan tapyldy.

**Şa gyzy russiýaly ýigide durmuşa çykdy.** Günorta afrikaly şa gyzy Tsakani Zenki Miýen russiýaly Artýom Sidorenko bilen durmuş gurdy.



Limpopo welaýatyndan bolan şa gyzy toýdan soňra Russiýanyň Altaý ülkesiniň Ýarowoýe şäherine göçüp geldi. Olar ilki Limpopoda, soňra Keýptaun şäherinde toý etdiler. Ýerli ýaşaýjylar afrikaly şa gyzyny öz ýakynlary hökmünde kabul etdiler.

**Indiki möhlete dalaş eder.** Kamerunyň 92 ýaşly Prezidenti Pol Biýýa şu ýylyň 12-nji oktýabrynda geçiriljek Prezident saýlawlaryna dalaşgärligini yglan etdi.



Biýýa 1982-nji ýyldan bäri häkimiýetdedir. 2008-nji ýylda Biýýa Prezidentiň möhleti baradaky çäklendirmäni ýatyryp, çäksiz möhlete dalaş etmäge mümkinçilik döretdi. Ol 2018-nji ýylda geçirilen soňky saýlawlarda 71,28% ses alyp, ýeňiş gazandy.

**Tebigy durkunda galdyryldy.** Russiýada 468,3 karat agramly ýantar reňkli ýuwelir göwher, häzirlikçe bejerilmedik ýagdaýda galdyryldy.



Almaz işläp çykarýan «Alrosa» kompaniýasynyň maglumatlaryna görä, bu almaz 2025-nji ýylda Ýakutiýada gazylyp alnypdyr. «Alrosa» kompaniýasy dünýäniň almaz gazyp alýan bazarynyň 30 göterimini, Russiýanyň bolsa, 90 göterimini eýeleýär. 2024-nji ýylyň ahyrynda önümçiligiň mukdary 33 million karat boldy.

**Gidroelektrik stansiýasy gurlar.** Hytaý, Tibet awtonom sebitindäki Ýarlung-Sangpo derýasynyň aşaky akymynda dünýäniň iň uly gidroelektrik stansiýasynyň gurluşygyna başlady.



Taslamada jemi 1,2 trillion ýuan (167,2 milliard amerikan dollar) maýa goýumy bilen bäş sany kaskad gidroelektrik stansiýasynyň gurluşygy göz öňünde tutulýandygy bellenildi. Öndürilen energiýa Tibetiň ýerli islegini kanagatlandyrmaga ugradylar.

**Iň uly maglumat merkezi gurlar.** Gazagystanyň «Akashi» maglumat merkezi bilen Hytaýyň «China Mobile» kompaniýasynyň arasynda hyzmatdaşlyk hakyndaky Ähtnama gol çekildi.



Taraplar Astana şäherinde Merkezi Aziýada iň uly maglumat merkezini gurmakçy. Gurluşyk işleri eýýäm başlandy we 2026-njy ýylda tamamlanmagy meýilleşdirilýär. «China Mobile» telekommunikasiýa kompaniýasy taslamanyň esasy hyzmatdaşy bolar.

## TARYHDA ŞU GÜN

**1814-nji ýylyň 25-nji iýulynda iňlis oýlap tapyjysy, inžener-mehanigi Jorj Stefenson ilkinji bug lokomotiwini Killingwortdaky demir ýolda synagdan geçirýär. «Blucher» atly bu ulag serişdesi kömür çekmek üçin döredilip, atlaryň ýerine bug lokomotiwlerini ulanmagyň mümkinçiligini görkezdi.**



# Premýer-ministr wezipesinde galmakçy

Ýaponiýada Premýer-ministr Sigeru Isibanyň ýolbaşçylyk edýän dolandyryjy koalisiýasy ýurduň parlamentiniň ýokarky palatasy – Geňeşçiler palatasyna geçirilen saýlawlarda ýeňildi. Muňa garamazdan, Sigeru Isiba öz wezipesinde galmakçydygyny habar berdi. Ol NHK teleýaýlymynda eden çykyşynda partiýasynyň saýlawlara gatnaşýanlaryň arasynda orunlaryň sany boýunça birinji ýerde durýandygyny aýtdy. Isiba, esasan hem, dolandyryjy koalisiýanyň parlamentiň ýokarky palatasynda köplügini ýitirendigini göz öňünde tutup, ýurt üçin jogapkärçiligiň möhümdigini belledi.



Premýer-ministr hökmünde geljegi barada soralanda, Isiba anyk jogap bermedi, ýöne saýlawlaryň netijeleri üçin jogapkärçiligi öz üstüne alýandygyny aýtdy. Ol TBS teleýaýlymynda başga bir söhbetdeşlikde, ses berişligiň netijelerine jogapkärçilik çekmek maksady bilen öz wezipesinde galmak isleýändigini tassyklady.

TBS teleýaýlymynyň tassyklamagyna görä, Liberal Demokratik partiýasy (LDP) we «Komeito» partiýasynyň dolandyryjy koalisiýasy 20-nji iýulda tamamlanan saýlawlarda parlamentiň ýokarky palatasyndaky orunlaryň ýarysyny alyp bilmedi.

Köplük gazanmak üçin LDP we «Komeito» azyndan, 50 orny almalydy. Saýlawlaryň netijelerine görä, LDP 33, «Komeito» 8, Konstitusiýa demokratik partiýasy 26, Ýaponiýa täzeleniş partiýasy 7, Kommunistik partiýasy 3, Halk Demokratik partiýasy 17, «Reýwa» partiýasy 3, «Sanseito» 16, Sosialistik partiýasy 1, Konserwatiw partiýasy 2 we beýleki partiýalar 9 ses aldy.

Parlamentiň ýokarky palatasy ýa-da geňeşçiler palatasy aşaky palatadan tapawutlylykda, ýatyrylyp bilinmeýär. Deputatlar alty ýyllyk möhlete saýlanýar, palatanyň düzüminiň ýarysyna üç ýylda bir gezek saýlawlar geçirilýär.

Geňeşçiler palatasynda 248 deputat bar: olaryň 100-si partiýalardan proporsional wekilçilik boýunça, 148-si saýlaw okruglary tarapyndan saýlanýar. Bu saýlawlarda 522 dalaşgär 125 orun üçin bäsleşdi. Proporsional ulgam boýunça 50 deputat, 45 saýlaw okrugy boýunça 75 deputat saýlanýar.

# ŞHG-niň sammiti Hytaýda geçiriler

Şanhaý Hyzmatdaşlyk Guramasynyň (ŞHG) sammiti 31-nji awgust – 1-nji sentýabrda Hytaýyň Týanszin şäherinde geçiriler. Bu barada Hytaýyň daşary işler ministri Wan I ŞHG-niň Baş sekretary Nurlan Ýermekbaýew bilen bilelikde geçirilen metbugat ýygnagynda mälim etdi. Hytaýyň daşary işler ministriniň sözlerine görä, sammite 20-den gowrak ýurduň ýolbaşçylary we halkara guramalaryň 10-synyň ýolbaşçylary gatnaşar.

2001-nji ýylda döredilen Şanhaý Hyzmatdaşlyk Guramasy – dünýäniň iň iri bileleşikleriniň biridir. Bu bileleşige Hytaý, Russiýa, Gazagystan, Gyrgyzystan, Täjigistan, Özbegistan, Hindistan, Pakistan, Eýran we Belarus girýär. Owganystan, Mongoliýa ýaly ýurtlaryň synçy derejesi bolup, Azerbaýjan, Ermenistan, Kamboja, Nepal, Türkiýe we Şri-Lanka gepleşik boýunça hyzmatdaş ýurtlar bolup durýar.

ŞHG-ä girýän ýurtlaryň umumy meýdany 35 million inedördül kilometrden gowrakdyr. Bu bütin Ýewraziýanyň 65 göterimine barabardyr. Bileleşigi düzýän




ýurtlarda jemi 3,5 milliarddan gowrak adam ýaşaýar. Bu Ýer togalagynyň ilatynyň ýaryna deňdir. ŞHG-ä dünýäniň jemi içerki önüminiň dörtden biri düşýär. ŞHG-niň öňki sammiti 2024-nji ýylyň iýul aýynda Astana şäherinde geçirilipdi.

# Talyplar üçin iň gowy şäherler

Ýokary bilimi seljeriş gullugy «Quacquarelli Symonds» (QS) talyplaryň ýaşamagy we okamagy üçin dünýäniň iň gowy 150 şäheriniň ýyllyk sanawyny neşir etdi. Sanawyň başyny Koreýa Respublikasynyň Seul şäheri çekdi. Ilkinji 20 ornuň ýarysyny Aziýa-Ýuwaş umman sebitiniň şäherleri eýeläp, bilermenleriň pikiriçe, bu ýagdaý sebitiň global bilime barha artýan täsiriniň görkezijisine öwrüldi.

«QS Best Student Cities» sanawyna girmek üçin şäher iki esasy kriteriýa laýyk gelmelidir: azyndan 250 müň adamlyk ilaty hem-de ýokary okuw mekdepleriniň QS global sanawynda azyndan iki uniwersitetiň bolmagy hökmanydyr. Sanaw düzülende birnäçe parametrlere baha berilýär, şol sanda: şäheriň talyplar üçin özüne çekijiligi (howpsuzlyk derejesi, arassaçylyk, şäher gurşawynyň umumy hili), daşary ýurtly talyplaryň wekilçiligi, durmuş we bilim elýeterliligi, şeýle hem okuwy gutarandan soň iş mümkinçiligi. «QS Best Student Cities-2026» sanawyna laýyklykda, Seul 2025-nji ýyl bilen deňeşdirilende, elýeterlilik görkezijisini gowulandyrandygy sebäpli iň ýokary 100 bal gazandy. Mundan başga-da, gazanylan netijä okamak isleýän şäherleri baradaky halkara QS pikir soralyşygyna gatnaşyjylaryň sesi täsir etdi.

Ýaponiýanyň Tokio şäheri ikinji orny eýeledi (99,9 bal), talyplaryň kanagatlanmak derejesi we olaryň zähmet bazaryndaky islegi boýunça ýokary baha berildi.

Alty ýyl bäri sanawda birinji orunda barýan London 97,1 bal bilen üçünji orny eýeledi. «Talyplaryň pikiri» we «uniwersitetleriň reýtingi» ýaly kriteriýalarda öňdebaryjydygyna garamazdan, Beýik Britaniýanyň paýtagty elýeterlilik boýunça gaty pes bal aldy – bary-ýogy 12,6 bal, bu onuň reýtingine ep-esli täsir etdi.

«Talyplaryň pikiri» we «şäheriň özüne çekijiligi» ýaly ähli esasy ölçeglerde güýçli netijeleri görkezen Mýunhen (96,3 bal) dördünji orna eýe boldy.

Bäşinji orunda «talyplaryň dürlüligi» görkezijisi boýunça absolýut lider bolan Melburn (95,7 bal) bar.

Sidneý elýeterliliginiň pesligine garamazdan, şäheriň özüne çekijiligi we halkara açyklygy sebäpli öz ornuny berkidip, 94,7 bal bilen altynjy orny eýeledi.

Ýedinji orny birbada iki şäher paýlaşdy: Berlin we Pariž (hersi 93,3 bal). Talyplardan iň ýokary baly Berlin aldy. Pariž bolsa, iş berijileriň arasynda akademiki abraýy üçin ýokary bal gazandy.

Dokuzynjy orny Sýurih eýeledi (91,5 bal), beýleki artykmaçlyklary bilen bir hatarda ýokary durmuş derejesi we ýokary bilim ulgamy bilen tapawutlandy.

Wena 90,8 bal bilen ilkinji onluga girdi, howpsuzlyk, amatlylyk we şäher gurşawynyň umumy derejesi boýunça ýokary ballary görkezdi.

Amerikanyň hiç bir şäheri ilkinji onluga girmedi. Iň gowy netijäni 15-nji orny eýelän Boston görkezdi. Ondan soň Nýu-Ýork (23-nji orun) we San-Fransisko (41-nji orun) gelýär. Şeýle hem ilkinji 50-lige Los-Anjeles, Çikago we Waşington girdi.



# Iň uly kruiz gämisi ilkinji syýahatyna taýyn

«Star of the Seas», ýagny «Deňiz ýyldyzy» diýlip atlandyrylan kruiz gämisi «Royal Caribbean» kompaniýasynyň flotuna resmi taýdan goşuldy. Gurluşygyna iki ýyl gerek bolan gämi awgust aýynda Florida ştatynyň Kanaweral portuna eltiler we özüniň ilkinji ýolagçylaryna garaşar. Bu gämi deňze çykjak dünýäniň iň uly gämisi bolar.

Ägirt uly laýner iň uly umman gämileriniň «Icon» synpyna degişlidir. Bu gämi ýigrimi gatly bina barabar bolup, hatar goýulsa, takmynan 3,5 futbol meýdançasyna deň bolar. Bu öz synpyndaky ikinji gämi – ilkinji «Icon of the Seas» bolsa, 2024-nji ýylda işe girizildi.

Gämide 20 paluba bolup, olaryň 18-si ýolagçylara niýetlenendir. 8 «etrabynda» dynç alyp bolýan gäminiň 40-dan gowrak naharhanasy we garbanyşhanasy bar.



Gämi özünde 7 müň 600 ýolagçyny we 2 müň 350 ekipaž agzasyny ýerleşdirer. Uzynlygy 365 metr, ini 66 metr bolan bu gämide 30 müň 500 ösümlik ösýär. Şol bir wagtyň özünde, «dnv.com» portalynyň maglumatlaryna görä, gämi 2024-nji ýylda suwa goýberilen özünden öňki belli «Icon of the Seas» gämisinden 0,07 metr uzyn.

Şeýle hem onda köp sanly attraksionlar we dynç alyş ýerleri bar: sanly proýeksiýaly buz meýdançasy, köp ugurly teatr, akwateatr, gezelenç meýdançalary, 7 basseýn, maşgala we ulular üçin işjeň dynç alyş zolaklary bar. Mundan başga-da, gäminiň esasy aýratynlyklaryndan biri alty sany dagjagazly akwaparkdyr. Myhmanlar adaty, 14 metrlik kaýutalardan başlap, 10 esse uly lýuks otaglara çenli dürli ululykdaky 2 müň 805 otagda ýerleşýär.

Gämi ilkinji syýahatyna 31-nji awgustda başlar.

# BRICS-iň ýadygärlik banknoty çap edildi

Russiýanyň Söwda-senagat palatasynyň başlygy Sergeý Katyrin 10 müň nusgada BRICS-iň ýadygärlik banknotynyň çap edilendigini habar berdi. Sergeý Katyrin ýadygärlik banknotyny döretmek pikiriniň, işewür toparlary tarapyndan BRICS-iň köp polýarlygy, deň hukuklylygy we strategik hyzmatdaşlygy ýörelgelerini wizual we konseptual taýdan birleşdirjek bir görnüş tapmaga tagalla eden mahaly ýüze çykandygyny belledi.

BRICS-iň simwoliki banknoty ilkinji gezek 2024-nji ýylyň oktýabr aýynda görkezildi. 2025-nji ýylda Sankt-Peterburg halkara ykdysady forumynda 200 nominal bilen täze simwoliki «BRICS-iň banknoty» hödürlendi. Onuň bir tarapynda bileleşigi esaslandyryjy ýurtlarda ýaşaýan (Rus-



siýa, Braziliýa, Hindistan, Hytaý we Günorta Afrika Respublikasy) guşlar, beýleki tarapynda bolsa bileleşige agza döwletleriň baýdaklary şekillendirilýär. Banknotlar çäkli mukdarda çap edildi.

BRICS – 10 döwletden ybarat bileleşik bolup, Braziliýa, Russiýa, Hindistan, Hytaý, Günorta Afrika Respublikasy, BAE, Eýran, Müsür, Efiopiýa we Indoneziýa ýaly ýurtlar girýär. Bileleşik 2006-njy ýylyň iýun aýynda döredildi. Ilki bilen bileleşik dört ýurdy öz içine alýardy, ýöne 2010-njy ýylda Günorta Afrika Respublikasy goşuldy. Guramanyň maksady gatnaşyjy ýurtlaryň ykdysady ösüş depginini ýokarlandyrmak we biri-biri bilen işjeň hyzmatdaşlyk etmek arkaly dünýädäki orunlaryny berkitmekden ybarat. 2023-nji ýylda alty ýurt bu bileleşige goşulmaga çagyryldy: Argentina, Müsür, Eýran, BAE, Saud Arabystany we Efiopiýa. 2025-nji ýylda Indoneziýa BRICS-iň agzasy boldy.

# Girdejisi boýunça täze rekord goýdy

Braziliýa kofe eksporty boýunça rekord goýdy: girdeji 14,728 milliard dollar boldy, bu geçen möwsüm bilen deňeşdirilende 49,5% ýokarydyr. Braziliýa iň uly kofe öndüriji we eksport ediji ýurtdur. Şeýle-de bolsa, Braziliýanyň kofe eksportçylary geňeşiniň başlygy Marsio Ferreýranyň pikiriçe, rekord girdeji önümçiligi artdyrmagyň hasabyna däl-de, bu ekin üçin dünýä bahalarynyň ýokarlanmagy arkaly gazanyldy.

– Kofe bahalary, esasan hem, 2024-nji ýylyň ikinji ýarymynda dünýäniň öňdebaryjy öndürijileriniň önümçilik kuwwatynyň peselmegi sebäpli ep-esli ýokarlandy. Bu ýagdaý soňky bäş ýylda hemme ýerde diýen ýaly bolupdy. Howanyň üýtgemegi, Braziliýa, Wýetnam, Kolumbiýa we Indoneziýa ýaly ýurtlarda kofe plantasiýalaryna zeper ýetirdi we kofeniň bahasynyň dünýäde ep-esli ýokarlanmagyna sebäp boldy – diýip, Marsio Ferreýra belledi.

Brazil kofesi 115 ýurda eksport edildi. Ýöne Braziliýadan kofe eksporty öňki möwsüm bilen deňeşdirilende 3,9% azaldy. Umuman alanyňda, olaryň her biri 60 kilogramlyk 45,589 million halta bolup, 152 938 konteýner bilen deňdir. ABŞ satyn alyşlarda öňdebaryjy boldy. Ondan soň Germaniýa, Italiýa, Belgiýa we Ýaponiýa gelýär. Braziliýanyň kofe eksportçylary geňeşi, esasan hem, dowam edýän howanyň üýtgemegini göz öňünde tutup, dünýädäki kofe bahalarynyň ýokarlanmagynyň dowam etmeginiň mümkindigini nygtaýar.





# GERMANIÝADA «BALKON» GÜN PANELLERI KÖPELÝÄR

**Germaniýada barha köp adam Gün energiýasyndan peýdalanýar. Şu nukdaýnazardan, jaýlaryň balkonyna aňsatlyk bilen gurnap bolýan panellere uly isleg bildirilýär. Gün panelleri indi Germaniýada täze ýaşaýyş toplumlarynyň üçeginiň aýrylmaz bölegine öwrüldi: üçekdäki uly göwrümli fotoelektrik ulgamlar öý eýeleriniň zerurlyklary üçin elektrik energiýasyny öndürýär. Bu energiýany şobada ulanyp ýa-da batareýada saklap hem bolýar.**

**Häzirki wagtda balkonlara ýa-da eýwanlara berkidilen Gün ulgamlary ýurduň gür ilatly ýerlerinde has giňden ýaýran. Bu balkona berkitmek üçin niýetlenen fotoelektrik ulgamlar soňky ýyllarda çynlakaý ösüşe sebäp boldy. Bazar maglumatlarynyň sanawyna we Germaniýanyň Gün senagaty birleşiginiň (BSW) çaklamalaryna görä, häzirki wagtda Germaniýada 1 million töweregi «Gün enjamlaryna birikdirilen» jaýlar bar.**

**Islegiň ýokary bolmagynyň sebäplerinden biri gurnamagyň aňsatlygy we elektrik energiýasynyň çykdajylaryny azaltmaga mümkinçilik bermegi. Şeýle panelleri bölek söwda dükanlaryndan hem satyn almak mümkin. Batareýalar Gün şöhle saçanda jaýy elektrik energiýasy bilen üpjün edýärler. Balkon fotoelektrik ulgamlarynyň elektrik energiýa bolan çykdajylaryny tygşytlanmagy netijesinde, bu arzan ulgamlar, birnäçe ýylda çykdajylaryny ödeýärler. Germaniýanyň Gün senagaty birleşiginiň (BSW) Gün enjamlaryna bolan islegiň çäksizdigine ynanýar. Häkimiýetler balkon panellere bolan islegiň ösmeginiň şäherleriň içki etraplarynyň özboluşly keşbini emele getirjekdigine ynanýarlar.**



# GALALARYŇ, KENAR ÝAKALARYŇ WE OWADAN ŞÄHERLERIŇ ÝURDY







**Ýewropanyň merkezinde ýerleşýän Horwatiýa uzak ýyllardan bäri syýahatçylyk pudagynda öňdäki orny eýeleýär. Senagat we ykdysady taýdan ösen bu ýurt Adriatik deňziniň kenarynda ýerleşýän dynç alyş merkezleri bilen syýahatçylary özüne çekýär. 1990-njy ýylda Garaşsyzlygyna eýe bolan Horwatiýa 2000-nji ýyllaryň ahyrynda deňiz kenarlaryna iň köp syýahatçy barýan ýurda öwrülýär. 4 milliondan gowrak ilaty bolan bu ýurtda 8 sany milli seýilgäh, 11 sany tebigy seýilgäh we 1000-den gowrak ada bar. Ýurt boýunça 10 ýer ÝUNESKO-nyň Bütindünýä mirasynyň sanawyna girizilipdir. 56 müň 594 inedördül kilometr meýdany tutýan Horwatiýa medeniýeti, gastronomiýasy, taryhy, modasy, binagärligi, sungaty, tebigaty, deňiz kenarlary we gijeki gezelençleri bilen syýahatçylary özüne çekýär. Balkan ýarym adasynda ýerleşýän bu ýurda her ýyl 20 milliondan gowrak syýahatçy barýar. Iýul we awgust aýlary Horwatiýanyň Dubrownik, Rowin, Zagreb, Split, Poreç, Umag we Zadar ýaly şäherleri syýahatçylardan ýaňa dolup-daşýar.**

### HORWATIÝANYŇ MEŞHUR ÝERLERI

**Plitwiçka milli seýilgähi.** ÝUNESKO-nyň sanawynda ýer alan bu seýilgäh tokaýyň içinde ýerleşýän 16 sany owadan köli we agaçly meýdanlary öz içine alýar. Kölleriň iň ulusy Kozýjak bolup, üstünden agaçdan ýasalan insizje köprüler geçýär. Köprülerden ýöräp göm-gök suwuň üstünde gezelenç etmek her bir syýahatçyda ýatdan çykmajak pursatlary döredýär. Plitwiçka milli seýilgähinde ululy-kiçili şaglawuklaryň hem ýüzlerçesi bar.

**Korçula şäherçesi.** Deňiz kenaryndaky «süýji şäher» diýlip atlandyrylýan Korçula şäherçesi owadan galalary we diňleri, şeýle hem nagyşlar bilen bezelen restoranlary bilen görenleri haýran galdyrýar. Kölüň içinde gurlan aýratyn topluma meňzeýän bu şäherçäni 1 sagadyň dowamynda aýlanyp bolýar. Şäherçede saýawanlaryň aşagynda köçe tagamlaryny datmak syýahatçylaryň adatyna öwrülen däpleriň biri hasaplanýar.

**Hwar şäheri.** Güne köýmek, ýahtada gezelenç etmek we deňiz kenarynda kokteýl içmek isleýänler üçin Hwar şäheri ajaýyp ýerleriň biridir. Şäheriň merkezindäki depede Orta asyrlarda gurlan Fortika galasy ýerleşýär. Syýahatçylar bu ýere baryp şäheri we deňzi ýokardan synlaýarlar. Gaýalaryň arasynda ýüzmek isleýänler üçin bu ýerde ähli şertler döredilipdir. Hwar şäherinden gaýykly Pakleni adalaryna hem baryp bolýar.

**Mlet adasy.** Sosna tokaýlyklary bilen örtülen Mlet adasy tebigaty söýüjileriň iň halaýan ýerleriniň biri hasaplanýar. Kiçijik adanyň gündogarynda dynç alyş merkezi, günbatar böleginde bolsa, iki sany köl we gala bolup, myhmanlar galadaky otaglarda ýa-da tokaýdaky çadyrlarda düşlemeli bolýarlar. Mlet adasynda kiçijik port hem bar.

**Kopaçki Rit tebigy seýilgähi.** Dunaý we Drawa derýalarynyň suw joşmasyndan emele gelen bu seýilgäh Ýewropanyň iň uly batgalyklarynyň biridir. Aw awlamagy halaýanlar üçin bu batgalyk täsin ýerleriň biri hasaplanýar. Seýilgähde guşuň 290 töweregi görnüşi ýaşaýar. Şeýle hem bu ýerde ýekegapan we sugun köp duş gelýär. Batgalygyň içinden 2,4 kilometr uzynlykdaky tagtadan ýasalan ýoda bar.

**Dubrownik şäheri.** Deňiz kenarynda ýerleşýän bu şäher dünýäniň iň owadan romantik ýerleriniň biridir. Şäherde gyzgylt üçekli beýik galalar bolup, 10-dan gowrak ybadathana, daşdan ýasalan meýdançalar we köp asyrlyk ýaşaýyş jaýlary ýerleşýär. Şäherde beýik diwarlaryň üstünde gezelenç edip, howlulara, jaýlaryň üçegine ekilen baglara we deňiz kenarlaryna göz aýlap bolýar.

**Braç adasy.** Adanyň günorta kenarynda, Bol şäheriniň golaýynda Horwatiýanyň iň köp surata düşülýän ýerleriniň biri bolan guýruk şekilli Zlatni Rat ýerleşýär. Gögümtil-ýaşyl suwuň içinde ýerleşýän bu ada agymtyl daşlardan emele gelipdir.

**Zagreb şäheri.** Şäheriň paýtagt şäheri Orta asyrlarda gurlan gorag diwarlary bilen täsin görnüşi emele getirýär. Gezelenç etmek üçin iň owadan şäherleriň biri bolan Zagrebde gyzyl saýawanlaryň aşagynda Dolak bazarynda daýhanlaryň söwda etmegi, Strossmaýer gezelenç ýörişleriniň geçirilmegi, Gül meýdançasynda kofe içmek syýahatçylarda ýatdan çykmajak täsirleri galdyrýar.

**Bulardan başga-da, Sibenik galasy, Zagorje gala şäheri, Wiz adasy, Kres adasy we Krka milli seýilgähi Horwatiýanyň iň köp gelim-gidimli ýerleri hasaplanýar.**




# Stresi ýeňip geçmegiň usullary



**Durmuşda dartgynly pursatlar bilen ýygy-ýygydan ýüzbe-ýüz bolunýar. Şeýle ýagdaýda özüňi rahat alyp barmaga çalyşmaly. Stres bilen ýüzbe-ýüz bolanymyzda nerw we endokrin ulgamy dartgynlylyk ýagdaýyna geçip, onuň netijä gelmekde, özüňi rahat alyp barmakda, işleriň ugruna bolmagynda birnäçe kynçylyklar ýüze çykýar. Dartgynly ýagdaýlar saglyk üçin zyýanly bolmak bilen bir hatarda, ýakynyňdaky adamlara hem öz oňaýsyz täsirini ýetirýär. Stresi azaltmagyň we çydamlylygy ýokarlandyrmagyň birnäçe ýönekeý usuly bar.**

**Özara gatnaşyk.** Bilermenleriň bellemegine görä, maşgalasy we dostlary adamyň esasy daýanjy bolup, olar bilen ýakyn aragatnaşyk saklamak, derdiňi paýlaşmak stresiň derejesini azaldýar. Şonuň üçin günüň dowamynda ýakynlaryňyz bilen söhbet etmek üçin wagt tapyň.

**Täze zatlary öwrenmek.** Gaýtalanýan durmuş ýörelgeleri stresiň derejesini artdyryp biler. Şol sebäpli täzeçillikleri durmuşyňyza ornaşdyrmaga endik ediň. Muňa dil öwrenmek, goşmaça hünär öwrenmek, programmalary özleşdirmek mysal bolup biler.

**Dynç gününi dogry geçirmek.** Wagtly-wagtynda dynç almak, ertirlik naharyny edinmek we gezelenç etmek stresi ýeňip geçmegiň bir usuly hasaplanýar. Iş günlerinden soň, dynç alyş gününi şahsy meýilnama esasynda peýdaly geçirmek iň dogrusydyr. Dynç alyş güni tehnologik enjamlardan uzakda bolup, maşgala bolup dynç almagy, teatrlara, seýilgählere gezelenje gitmegi, süýjüliklerdir tagamlary bişirmegi ýola goýuň. Şeýle hem dynç alyş güni dostlaryňyz bilen sport oýunlaryny hem gurap bilersiňiz.

**Yzygiderli maşk etmek.** Maşk etmek fiziki işjeňligi artdyrmak bilen bir hatarda, beýnidäki gan aýlanyşyny kadalaşdyryp, şähdaçyk bolmaga ýardam edýär. Şeýle hem işde şowly netijeleri gazanmaga itergi berýär.

**Tebigatda gezelenç etmek.** Agaçlardyr otlar bilen gurşalan meýdanda gezelenç etmek stresi azaltmagyň iň ýeňil usulydyr. Şeýle ýagdaýda beýni kislorod bilen doly üpjün edilýär, gözdäki nerw damarlary ýaşyl meýdanda rahatlanyp, dartgynlylyk derejesi azalýar.

**Dogry dem almak.** Stresli ýagdaýda köplenç gysga hem çalt-çaltdan dem alýarys ýa-da demimizi saklaýarys. Bu saglyk üçin zyýanly bolup, tersine haýaljakdan çuňňur dem almak rahatlanmaga uly kömek edýär. Şeýle ýagdaýda dem alyş maşkyny (ýuwaşjadan dem alyp, biraz saklap, soňra ýuwaşjadan goýbermek) ýerine ýetirmek iň dogrusydyr.

**Edilmeli işleriň sanawyny ýazmak.** Adamda bökdençlik döredýän zatlaryň biri hem edilmeli işiň wagtynda ýerine ýetirilmezligi ýa-da ýatdan çykmagydyr. Şol sebäpli etmeli işleriňiziň sanawyny kagyza belleseňiz netijeli bolar hem-de stres derejesini kemelder.

## ÇAGALAR

**Dünýäde garynjanyň 15 müň 700-den gowrak görnüşi duş gelýär. Garynjalaryň umumy sany 20 kwadrilliona ýetýär.**

(Tymsal)

# Haýyrsyz maslahat

Bir adam her hepdäniň ýekşenbe güni şäheriň merkezindäki uly bazara baryp, adamlara nädip pul gazanmalydygy barada öwüt-ündew edýän eken. Bu suhangöý adamyň şan-şöhraty töwerek-daşa dolupdyr.



Bir gün agşam çagy onuň öýüne üç adam gelipdir-de, şeýle diýipdir:

– Gardaşym, biziň bilşimizçe, siz nädip pul gazanmalydygy barada nesihat edýärsiňiz. Biz siziň şöhratyňyzyň baýlyk toplamaga mümkinçilik berendigine birjik-de şübhelenmeýäris. Eýsem, siz öz toplan baýlygyňyzdan biziň zerurlyklarymyz, çagalarymyza gerek bolan harajatlarymyz üçin az-kem berip bilmersiňizmi?

– Dostlarym, ine görşüňiz ýaly, meniň-ä şu ýorgan-düşegimden, halyçamdan we şu suwly küýzämden başga hiç zadym ýok. Mende pul nireden bolsun? – diýip, ol adam ör-gökden gelipdir.

Ýaňky gelenler oňa ýigrenç bilen seredipdirler. Gitmek üçin ýerlerinden turanlarynda bolsa, olaryň gapydan iň sonky çykyp barýany az salym aýak çekip, şeýle diýipdir:

– Ýalançy, kezzap diýsänim. Öz berjaý edip bilmeýän zadyňy ile öwredip, öwüt-ündewem eden bolýarmyň?!

Hälki adam näme diýjegini bilmän, ýüzüni aşak salyp oturyberipdir.

**«Başarmajak işiňe ýapyşma».**
**«Göz görenine amal eder».**



## GARYNJA GARA GÜNDE...

- Dünýäde garynjanyň 15 müň 700-den gowrak görnüşi duş gelýär. Täze görnüşleriň tapylmagy bilen garynjalar maşgalasynyň sany her ýyl köpelýär.
- Garynjalaryň iýmit siňdiriş ulgamy diňe öz iýmit zerurlygyny kanagatlandyrmak bilen çäklenmeýär. Işeňňir jandarlaryň iki aýry garny bar. Onuň biri öz iýmitlenmegi üçin, beýlekisi maşgala agzalary bilen iýmit paýlaşmak üçin. Garynjalar ikinji aşgazanynyň kömegi bilen iýmiti suwuk görnüşe öwrüp, guşlar ýaly çagalaryny iýmitlendirýärler.
- Garynjanyň gulagy bolmasa-da, antennalarynyň we aýagynyň kömegi bilen ýagşyň ýagmagy, beýleki jandarlaryň hereketi, ýertitreme ýaly daş-töwerekdäki hadysalary duýup bilýärler.
- Garynjalaryň ýönekeý dem alyş agzasy bolup, pes kislorodly ýerlerde hem «traheýa» diýilýän howa turbalary arkaly arkaýyn dem alyp bilýärler. Garynjalaryň bedeniniň iki gapdalynda dem almaga niýetlenen birnäçe deşijekler (turba) bar.
- Garynjalar suwuň aşagynda 24 sagada çenli demini saklap durup bilýärler. Sebäbi garynjalar suwuň astynda howa turbalary arkaly kislorody has ýeňil kabul edýärler. Garynjalaryň käbir görnüşi ýüzüp hem bilýär.
- Syn eden bolsaňyz, şol bir ýodajykdan müňlerçe garynjanyň biri-birine «salam berip», däne daşaýandygyny görensiňiz. Garynjalar ýöräp barýarkalar göze görünmeýän yzlary goýýarlar. Garynjalar feromon diýilýän himiki maddany bölüp çykaryp, biri-biri bilen habarlaşýarlar we haýsy ugra gitmelidigini kesgitleýärler.
- Ýer ýüzünde, takmynan, 20 kwadrillion garynjanyň ýaşaýandygy çak edilýär. Bu san adam başyna millionlarça garynja düşýär diýmekdir. Dünýädäki garynjalaryň umumy agramy, takmynan, 20 megatona (12 million tonna) barabar.
- Garynjanyň käbir görnüşi 30 ýyla çenli ýaşap bilýär. Garynjanyň kiçijik beýnisiniň bardygyna garamazdan «akylly» jandar hasaplanýar. Garynjalaryň zähmet çekmek, aragatnaşyk saklamak, päsgelçiligi ýeňip geçmek, daşky gurşawyň üýtgemegine uýgunlaşmak ýaly ukyplary bar.
- Garynjalaryň käbir görnüşi kömelek ösdürip ýetişdirmek üçin hinine ter ýaprak daşaýarlar. Kömelek ýaprak kertýän garynjanyň esasy iýmiti hasaplanýar.
- Käbir garynja toparlary beýleki topara hüjüm edip, kiçijik garynjalary «ýesir alýarlar» we şol garynjalary iýmit daşamak üçin işledýärler.



# Sygyrmy ýa-da geçi?



Tebigat müňlerçe ýyllardan bäri täsin janly-jandarlary bilen adamlary haýran galdyryp gelýär. Göräýmäge, jandarlaryň ählisi bize tanyş ýaly. Emma şeýle-de bolsa, dünýäniň dürli ýerinde bize mälim bolmadyk täsin jandarlaryň ýüzlerçesine duş gelmek bolýar. Şeýle jandarlaryň biri hem «takin» diýlip atlandyrylýan «Budorcas taxicolor» hasaplanýar.

Gimalaý daglarynda ýaşaýan goşa toýnakly bu jandar göwresiniň ululygyndan çen tutsaň sygra, daşky görnüşine seretseň geçä meňzeýär. 1000 metrden 4500 metre çenli belentliklerde ýaşaýan bu jandar 150 töweregi ösümlik görnüşini iýýär. Aşa sowukda bolsa agaçlaryň gabygyny goparyp iýip, oňňut edýär. Kiçijik şahly, alkymynda geçiniňkä meňzeş sakgaly bolan takin Tibetiň gündogarynda, Butanda, Assamyň we Birmanyň demirgazygynda hem-de Hytaýyň günorta böleginde duş gelýär.

16-18 ýyla çenli ýaşaýan «äpet geçiler» dagyň dik gaýalarynda hem ýykylman, otlap bilýärler. Boýy 70-140 santimetre, agramy 150-350 kilograma çenli ýetýän takinler süri bolup gezýärler. Her sürüde 20 töweregi agzasy bolan bu jandarlar garranynda ýekelikde ýaşaýarlar. Takinler boýy ýetmeýän agaçlaryň ýapragyny iýmek üçin edil geçiler ýaly iki aýagyna galyp bilýärler.

Subtropik tokaýlarda mesgen tutan takinleriň sanynyň häzirki wagtda 5 müňden geçmeýändigi bellenilýär. Tebigaty goramagyň halkara bileleşigi (IUCN) tarapyndan ýitip gitmek howpy abanýan jandarlaryň sanawyna girizilen takin haýwanat baglarydyr goraghanalarda hem saklanylýar. Altynsow reňkli «äpet geçiler» Butanyň milli jandary hasaplanýar.



### Haýsy jandar nirede ýaşaýar?

Jandarlara öýüni tapmaga kömek ediň!




### Sanlary birleşdirip, şekili reňkläň!



### Şekilli sudoku

Şekiller öýjükleriň içine ýerleşdirilende dikligine we keseligine biri-birine gabat gelmeli däl. Ýagny bir şekil iki gezek gaýtalanmaly däl.



### Labirint



### 7 tapawudy tapyň!



### Gyzykly pursat



# Wenesiýa film festiwalynda görkeziljek kinolar belli boldy

Dünýäniň iň gadymy kino festiwaly bolan Wenesiýa film şüweleňinde görkeziljek filmleriň sanawy mälim edildi. Paolo Sorrentinonyň «Merhemet» atly filmi bilen açyljak 82-nji Wenesiýa film festiwalynda 21 kino baş baýrak – «Altyn ýolbars» ugrunda dalaşgärlige hödürlendi. Şol filmleriň arasynda koreýaly režissýor Pak Çhan Ukuň, fransiýaly Fransua Ozon bilen Oliwer Assaýasyň, wengriýaly Laslo Nemes bilen Ildiko Enýediniň, oskarly zenan režissýor Ketrin Bigelowyň, Noa Baumbakyň, ussat režissýor Jim Jarmuşyň, oskaryň eýesi, gresiýaly Ýorgos Lantimosyň, oskarly meksikan režissýory Gillermo del Toronyň soňky kinolary bar.





Şol bir wagtyň özünde festiwalyň eminler topary hem mälim edildi. Amerikaly meşhur režissýor Aleksander Peýniň ýolbaşçylyk etjek eminler toparyna fransiýaly režissýor, prodýuser, aktýor Stefan Briz, italiýaly zenan režissýor Maura Delpero, rumyniýaly belli režissýor Kristian Munjiu, eýranly tanymal režissýor hem-de prodýuser Mohammad Rasulof, braziliýaly meşhur aktrisa Fernanda Torres hem-de hytaýly ýyldyz aktrisa Çžao Tao dagy çagyryldy.

Festiwalyň «Orrizonti» bölüminde görkeziljek filmlere fransiýaly režissýor Žuliýa Dukurno (toparyň ýolbaşçysy), italiýaly kino işgäri Ýuri Ankarani, argentinaly kinokritik Fernando Enrike Huan Lima, awstraliýaly režissýor Şannon Mörfi hem-de amerikaly kino işgäri RaMell Ross dagy baha berer.

Festiwalyň çäginde germaniýaly meşhur režissýor Werner Herzoga hem-de amerikaly tanymal aktrisa Kim Nowaka ajaýyp karýeralary üçin «Altyn ýolbars» baýragy, ýagny hormat sylagy gowşurylar.

Festiwalyň dowamynda ýüzlerçe ekran eseri görkeziler. Käbir kinolar bäsleşikden daşgary bolup, festiwalyň dürli bölümlerinde gysga göwrümli kinolar, dokumental filmler, hatda seriallar hem orun alar.

82-nji gezek geçiriljek festiwal 27-nji awgustda başlap, 6-njy sentýabrda tamamlanar.

## «Altyn ýolbars» baýragyna dalaşgär filmler:

«Bulutlaryň astynda» (Sotto le nuvole) — *rež.* Janfranko Rosi (Italiýa)
«Bugoniýa» (Bugonia) — Ýorgos Lantimos (Gresiýa)
«Duze» (Duse) — Pietro Marçello (Italiýa)
«Eliza» (Elisa – lo la volevo uccidere) — Leonardo Di Kostanzo (Italiýa)
«Kaka, eje, uýa, erkek dogan» (Father Mother Sister Brother) — Jim Jarmuş (ABŞ)
«Ýagşylyk üçin düşürilen film» (Un film fatto per bene) — Franko Maresko (Italiýa)
«Merhemet» (La grazia) — Paolo Sorrentino (Italiýa)
«Dinamit öýi» (A House of Dynamite) — Ketrin Bigelow (ABŞ)
«Jeý Kelli» (Jay Kelly) — Noa Baumbak (ABŞ)
«Başga alaç ýok» (Eojjeolsugaeopda) — Pak Çhan Uk (Koreýa Respublikasy)
«Gün hemmämiziň üstümizden dogýar» (Ri Gua Zhong Tian) — Saý Şanszýun (Hytaý)
«Ýetim» (Arva) — Laslo Nemes (Wengriýa)
«Keseki» (L'Étranger) — Fransua Ozon (Fransiýa)
«Frankenşteýn» (Frankenstein) — Gillermo del Toro (Meksika)
«Hind Rajabyň sesi» (The Voice of Hind Rajab) — Kauter ben Haniýa (Tunis)
«Dymma dost» (Silent Friend) — Ildiko Elýedi (Wengriýa)
«Kremliniň jadygöýi» (Le mage du Kremlin) — Oliwer Assaýas (Fransiýa)
«Iş başynda» (A pied d'œuvre) — Walerie Donzelli (Fransiýa)
«Ýumrujy maşyn» (The Smashing Machine) — Benni Safdi (ABŞ)
«Gyz» (Girl) — Şu Si (Gonkong)
«Enn Liniň wesýetnamasy» (The Testament of Ann Lee) — Mana Wastfold (Norwegiýa)



# Meşhur filmiň dowamy surata düşüriler

«Muzeýde bir gije» (Night at the Museum) atly fantastik komediýa görnüşli filmleriň ýene bir bölümi ekranlaşdyrylar. 4-nji filmiň ssenarisini ýazmaklyk Tripper Klansa tabşyryldy. Film «20th Century Studios»-yň garamagynda «21 Laps Entertainment»-iň prodýuserliginde ekranlaşdyrylar. Täze filmde ozalky 3 kinonyň baş keşbini janlandyran Ben Stiller surata düşmez.



«Muzeýde bir gije» atly filmler toplumynyň ilkinjisi 2006-njy ýylda ekranlara çykypdy. 2009-njy we 2014-nji ýyllarda-da 2-3-nji kinolary tomaşaçylara ýetirilipdi. 3 filmiň ilkinjisi has şowly çykyp, umumylykda bu françaýz prokatlardan 1 milliard 350 million amerikan dollary möçberinde girdeji gazanypdy. 387 million dollarlyk çykdajy edilen şol 3 filmiň režissýory Şawn Lewi täze filmde prodýuser hökmünde çykyş eder. Filmiň önümçiligi bilen baglanyşykly beýleki maglumatlar ýakyn günlerde belli bolar.

# Milliarderleriň hataryna goşulan 58-nji kino

2002-nji ýylda ekranlara çykan «Disney»-iň önümi bolan «Lilo we Stiç» (Lilo and Stitch) atly animasiýanyň maý aýynyň soňky hepdesinden bäri görkezilip gelinýän janly film görnüşiniň girdejisi 1 milliard amerikan dollaryndan geçdi. Ol şu ýylky ekran eserleriniň arasynda bu görkezijä ýeten 2-nji, umumylykda-da 58-nji film boldy. Din Fleýşer Kampyň režissýorlyk eden filmi üçin 100 million dollar çykdajy edilipdi. Filmde baş keşbi Maia Kealoha ýerine ýetirýär.



Şu ýylyň dowamynda hytaý animasiýasy «Neçža 2» bu sanawa goşulypdy. Bu ekran eseriniň prokatlardan toplany 2 milliard 215 million amerikan dollaryndan geçipdi. 80 million dollar çykdajy edilen multfilm umumy sanawda 5-nji ýerde barýar. Bu animasiýa milliarderleriň hataryna goşulan iňlis dilinde bolmadyk ilkinji ekran eseri bolupdy.

# Ýene bir gezek ekranlaşdyrylar

Belli ýazyjy Jeýn Ostiniň «Pähim we duýgurlyk» (Sense and Sensibility) atly meşhur eseri ýene bir gezek ekranlaşdyrylar. Täze filme Jorjia Okli režissýorlyk eder. Ol «Blue Jean» filmi bilen meşhurlyk gazanypdy. Filmiň baş keşbinde Deýzi Edgar-Jons bilen Esem Krid-Maýlz surata düşer. Olaryň hataryna Jorj MakKaý, Fiona Şaw, Frank Dillane, Herbert Nordrum, Bodi Rae Britnak ýaly artistler hem goşular. Filmiň ssenarisini Daýan Reid ýazar. Roman mundan öň birnäçe gezek mawy ekranlary bezäpdi. Şolaryň iň meşhury 1995-nji ýylda Eng Li tarapyndan surata düşürilen filmiň ssenarisini şol kinoda çykyş eden aktrisa Emma Tompson ýazypdy. Ol iň gowy adaptirlenen ssenariý ugry boýunça Oskar baýragyny gazanypdy. Şol filmde Keýt Winslet, Hýu Grant, Alan Rikman ýaly meşhur iňlis artistleri hem surata düşüpdi.




# Täze film

**Ady:** «Fantastik dörtlük: ilkinji ädimler» (The Fantastic Four: First Steps); **Režissýory:** Mett Şakman; **Keşplerde:** Pedro Paskal, Wanessa Kirbi, Ebon Moss-Bakrak, Josef Kuinn, Julia Garner, Nataşa Lionn, Pol Wolter Hauser, Raýf Aýneson; **Ssenariçi:** Joş Fridman, Erik Pirson, Jeff Kaplan, Iýn Springer (Stan Li hem-de Jäk Kirbiniň «Fantastic Four» atly komiksleri esasynda); **Prodýuseri:** Kewin Faýgi; **Kompozitory:** Maýkl Jakkino; **Öndüriji:** «Marvel Studios»; **Paýlaýjy:** «Walt Disney Studios Motion Pictures»; **Dowamlylygy:** 114 minut; **Görnüşi:** ylmy-fantastik, «superhero», uruşly; **Ýurdy:** ABŞ; **Dili:** iňlisçe; **Býujeti:** 200 million amerikan dollary.




Ozalky «Fantastik dörtlük» filmleriniň täzeçe nusgasyna Mett Şakman režissýorlyk edýär. 200 million dollar býujetli filmde baş keşpleri Pedro Paskal, Wanessa Kirbi, Ebon Moss-Bakrak, Josef Kuinn, Julia Garner dagy janlandyrýar. «Marvel»-iň önümi bolan bu ekran eseri London, Nýu Ýork, Owie şäherlerinde surata düşürildi. «Marvel» kinematografik äleminiň 37-nji kinosy bolan «Fantastik dörtlük: ilkinji ädimler» filminden kompaniýanyň ýolbaşçylarynyň tamasy uly. Bu film soňky ýyllarda studiýanyň filmlerine bolan islegiň peselmeginiň öňüni alyp biljek, has takygy, «Marvel»-iň kinolaryna uly gyzyklanmany täzeden ýüze çykarjak kino hökmünde görülýär. «Kapitan Amerika: batyrgaý täze dünýä», «Thunderbolts*» filmlerinden soň «Marvel»-iň şu ýylyň dowamyndaky 3-nji kinosyndaky wakalar 1960-njy ýyllarda bolup geçýär. 4 fantastik gahryman dünýäni Galaktusyň gazabyndan goramak üçin ýiti göreş alyp barmaly bolýarlar...



42-nji krossworduň jogaby:



24-nji skanwordyň jogaby:



25-nji SKANWORD



26-njy SKANWORD



## 3-nji aýlawa badalga berler

Futbol boýunça Türkmenistanyň milli çempionatynda 3-nji aýlawyň duşuşyklaryna 3-nji awgustda badalga berler. Şol gün 20-nji tapgyryň wagty öňe süýşürilen duşuşygynda, sanawyň lideri «Arkadag» topary öz meýdançasynda «Aşgabat» toparyny kabul eder.

3-nji aýlawyň ilkinji tapgyrynyň, ýagny 15-nji tapgyryň oýunlary 7-8-nji awgustda oýnalar. Bu tapgyrda «Ahal» bilen «Nebitçiniň» arasyndaky duşuşygyň wagty süýşürilip, «Arkadag» «Köpetdagy», «Şagadam» «Merwi» hem-de «Altyn Asyr» «Aşgabat» toparyny kabul eder. Şeýle-de, 16-njy tapgyryň merkezi oýny «Arkadag» topary bilen «Ahalyň» duşuşygy-da halkara ýaryş sebäpli ätiýaçdaky günleriň birinde oýnalar.

Ilkinji 2 aýlawyň netijesinde ýeke utuk hem ýitirmedik «Arkadag» topary sanawyň başyny çekip gelýär. Soňky 2 möwsümiň çempiony «Arkadag» toparynyň 42 utugy bar. 28 utuk toplan «Ahal» 2-nji, 25 utugy bolan «Altyn Asyr» bilen «Şagadam» toparlary 3-4-nji orunlary paýlaşýar.



| XV tapgyr | Duşuşyklar | |
|---|---|---|
| Senesi geçirilen | «Ahal» – «Nebitçi» | – |
| 7-nji awgust (penşenbe) | «Arkadag» – «Köpetdag» | – |
| 7-nji awgust (penşenbe) | «Şagadam» – «Merw» | – |
| 8-nji awgust (anna) | «Altyn Asyr» – «Aşgabat» | – |
| XVI tapgyr | | |
| Senesi geçirilen | «Arkadag» – «Ahal» | – |
| 11-nji awgust (duşenbe) | «Köpetdag» – «Merw» | – |
| 11-nji awgust (duşenbe) | «Nebitçi» – «Altyn Asyr» | – |
| 11-nji awgust (duşenbe) | «Aşgabat» – «Şagadam» | – |
| XVII tapgyr | | |
| 15-nji awgust (anna) | «Merw» – «Aşgabat» | – |
| 15-nji awgust (anna) | «Şagadam» – «Nebitçi» | – |
| 15-nji awgust (anna) | «Altyn Asyr» – «Arkadag» | – |
| Senesi geçirilen | «Ahal» – «Köpetdag» | – |
| XVIII tapgyr | | |
| 19-njy awgust (sişenbe) | «Arkadag» – «Şagadam» | – |
| 19-njy awgust (sişenbe) | «Köpetdag» – «Aşgabat» | – |
| 19-njy awgust (sişenbe) | «Nebitçi» – «Merw» | – |
| 20-nji awgust (çarşenbe) | «Ahal» – «Altyn Asyr» | – |
| XIX tapgyr | | |
| 13-nji sentýabr (şenbe) | «Şagadam» – «Ahal» | – |
| 13-nji sentýabr (şenbe) | «Aşgabat» – «Nebitçi» | – |
| 13-nji sentýabr (şenbe) | «Altyn Asyr» – «Köpetdag» | – |
| 13-nji sentýabr (şenbe) | «Merw» – «Arkadag» | – |
| XX tapgyr | | |
| 17-nji sentýabr (çarşenbe) | «Ahal» – «Merw» | – |
| 17-nji sentýabr (çarşenbe) | «Köpetdag» – «Nebitçi» | – |
| 18-nji sentýabr (penşenbe) | «Altyn Asyr» – «Şagadam» | – |
| Senesi geçirilen | «Arkadag» – «Aşgabat» | – |
| XXI tapgyr | | |
| 22-nji sentýabr (duşenbe) | «Şagadam» – «Köpetdag» | – |
| 22-nji sentýabr (duşenbe) | «Merw» – «Altyn Asyr» | – |
| 22-nji sentýabr (duşenbe) | «Aşgabat» – «Ahal» | – |
| 22-nji sentýabr (duşenbe) | «Nebitçi» – «Arkadag» | – |

## Uly hasaply ýeňişler

UEFA Çempionlar Ligasynda 2-nji saýlama tapgyryň 1-nji duşuşyklary geçirildi. Uly hasaply ýeňiş gazanan käbir toparlar 3-nji saýlama tapgyryň bosagasyndan ilkinji ädimi ätdiler. Şeýle-de, 3-nji saýlama tapgyryň hem bijeleri belli boldy.

Polşanyň «Leh Poznan» topary tapgyryň



iň uly hasaply ýeňiş gazanan kluby bolup, olar öz meýdançasynda Islandiýanyň «Breidablik» toparyny 7-1 hasabynda ýeňdi. Duşuşykda poznanlylaryň şwesiýaly hüjümçisi Mikael Ishak het-trik edip, ol 3 goluny hem penaltiden derwezä girizdi.

Slowakiýanyň «Slowan Bratislawa» toparyda öz meýdançasynda Bosniýa we Gersegowinanyň «Zrýinski Mostar» toparynyň derwezesinden jogapsyz 4 gol geçirdi.

Şwesiýanyň çempiony «Malmö» topary myhmançylykda Latwiýanyň RFS klubuny 4-1 hasabynda utdy. Kiýewiň «Dinamosy» hem myhmançylykda Maltanyň «Hamrun Spartans» toparyny 3 gol aratapawudy bilen ýeňmegi başardy.

Gazagystanyň «Kairat» topary myhmançylykda finleriň «KuPS» toparyndan 2–0 hasabynda ýeňildi. Azerbaýjanyň «Garabag» topary myhmançylykda irland kluby «Şelburnyň» derwezesinden jogapsyz 3 gol geçirdi.

Çempion däl toparlaryň duşuşyklarynda Şotlandiýanyň «Reýnjers» topary grekleriň «Panatinaikos» toparyny Kurtis hem-de Gassamanyň gollary bilen 2–0 hasabynda ýeňdi. Şweýsariýanyň «Serwett» topary myhmançylykda çehleriň «Wiktoriýa Plzen» toparyny Mrazyň 13-nji minutda salan ýeke-täk goly esasynda ýeňlişe sezewar etdi. Norwegiýanyň «Brann» toparyny myhmançylykda Nene, Onisiwo, Wertessen hem-de Kýergoryň gollary bilen 4–1 hasabynda ýeňen Awstriýanyň «RB



Salsburg» topary 3-nji saýlama tapgyra çykmak üçin uly mümkinçilik gazandy.

Jogap duşuşyklary 29–30-njy iýulda oýnalar.

**Çempion toparlar:** RFS (Latwiýa) — Malmö (Şwesiýa): 1–4, Hamrun Spartans (Malta) — Dinamo Kiýew (Ukraina): 0–3, Pafos (Kipr) — Makkabi T. (Ysraýyl): 1–1, Linkoln Red Imps (Gibraltar) — Srwena Zwezda (Serbiýa): 0–1, Noa (Ermenistan) — Ferenswaroş (Wengriýa): 1–2, Leh Poznan (Polşa) — Breidablik (Islandiýa): 7–1, Kopengagen (Daniýa) — Drita (Kosowo): 2–0, Riýeka (Horwatiýa) — Ludogores Razgrad (Bolgariýa): 0–0, Şkendiýa (D. Makedoniýa) — FKSB (Rumyniýa): 1–0, Slowan Bratislawa (Slowakiýa) — Zrýinski Mostar (Bosniýa): 4–0, Şelburn (Irlandiýa) — Garabag (Azerbaýjan): 0–3, KuPS (Finlýandiýa) — Kairat (Gazagystan): 2–0.

**Çempion däl toparlar:** Brann (Norwegiýa) — RB Salsburg (Awstriýa): 1–4, Wiktoriýa Plzen (Çehiýa) — Serwett (Şweýsariýa): 0–1, Reýnjers (Şotlandiýa) — Panatinaikos (Gresiýa): 2–0.

**3-nji saýlama tapgyryň bijeleri (5-6-njy awgust, 12-nji awgust):**

Çempion toparlar: RFS/Malmö — Kopengagen/Drita, KuPS/Kairat — Slowan Bratislawa/Zrýinski Mostar, Leh Poznan/Breidablik — Linkoln Red Imps/Srwena Zwezda, Riýeka/Ludogores Razgrad — Noa/Ferenswaroş, Hamrun Spartans/Dinamo Kiýew — Pafos/Makkabi T., Şkendiýa/FKSB — Şelburn/Garabag

Çempion däl toparlar: Brann/RB Salsburg — Klub Brýugge (Belgiýa), Reýnjers/Panatinaikos — Wiktoriýa Plzen/Serwett, Nissa (Fransiýa) — Benfika (Portugaliýa), Feýenoord (Niderlandlar) — Fenerbahçe (Türkiýe)

## 4 ALTYN MEDAL GAZANDY

Singapurda dowam edýän suw sportlary boýunça Dünýä çempionatynda açyk suwda ýüzmek ýaryşlary tamamlandy. Erkekleriň arasyndaky 3 altyn medaly-da germaniýaly Florian Wellbrok eýelemegi başardy. Ol 10 kilometr ýaryşyndan soň 5 kilometr hem-de 3 kilometr sprint bäsleşiklerinde-de münberiň iň ýokary basgançagyna çykdy. Ol




10 kilometr ýaryşyndan soň 5 kilometr bäsleşiginde-de italiýaly Gregorio Paltrinieriden öňe saýlandy. 3 kilometr sprint ýaryşynda wengriýaly Dawid Betlehem 2-nji ýeri eýeledi. Paltrinieri bu ýaryşda 4-nji orun bilen oňňut etmeli boldy. 5 kilometr hem-de 3 kilometr sprint ýaryşlarynyň ikisinde-de fransiýaly Mark-Antuan Oliwie bürünç medaly eýeledi.

Zenanlaryň arasynda awstraliýaly Moeşa Jonson hem edil Florian Wellbrok ýaly tasdan het-trige golaýlapdy. Ol 10 hem-de 5 kilometr ýaryşlarynda münberiň iň ýokary basgançagyna çykmagy başardy. Ýöne 3 kilometr sprint ýaryşynda 3-nji orun bilen oňňut etmeli boldy. 5 kilometr bäsleşiginde 3-nji ýeri eýelän ýaponiýaly Içika Kažimoto 3 kilometr sprint ýaryşynda altyn medal gazandy. Bu ýaryşda Moeşa Jonson bilen wengriýaly Bettina Fabian 3-nji ýeri eýeläp, bürünç medaly paýlaşdylar. Zenanlaryň arasyndaky 3 ýaryşda-da kümüş medaly italiýaly Žinewra Taddeuççi gazanmagy başardy.

Açyk suwda ýüzmek boýunça toparlaýyn ýaryşda germaniýaly ýüzüjiler altyn, italiýalylar kümüş, wengriýaly türgenler bürünç medala mynasyp boldy.

Umumylykda açyk suwda ýüzmek ýaryşlarynda çempionaty Florian Wellbrok 4 altyn, Žinewra Taddeuççi 4 kümüş, Gregorio Paltrinieri 3 kümüş, Moeşa Jonson 2 altyn, 1 bürünç, ýaponiýaly Içika Kažimoto 1 altyn, 1 bürünç, wengriýaly Dawid Betlehem 1 kümüş, 1 bürünç, Bettina Fabian 2 kümüş, fransiýaly Mark-Antuan Oliwie 2 bürünç medal bilen tamamlady.

Sinhronlaýyn ýüzmek ýaryşlarynda Bitarap türgenler toparynyň adyndan wekilçilik eden russiýaly Aleksandr Malsew 3 altyn medal gazandy. 30 ýaşyndaky türgen erkekleriň arasynda ýekeleýin solo erkin hem-de solo tehniki ugurlardan, şeýle-de garyşyk jübütleriň arasynda topardaşy Maýýa Gurbanberdiýewa bilen duet tehniki görnüşde münberiň iň ýokary basgançagyna çykdy.

Zenanlaryň arasynda solo erkin görnüşde ispaniýaly Aýris Tio, solo tehniki görnüşde hytaýly Ksu Hiýan altyn medala mynasyp boldy. Duet tehniki ýaryşynda bolsa awstriýaly ekizler Anna-Mariýa bilen Eirini-Mariýa Aleksandriler ýeňiş gazandy.

Toparlaýyn ýaryşda erkin hem-de tehniki görnüşlerde hytaýly ýüzüjilere taý tapylmady.

Woterpol boýunça zenanlaryň arasynda Gresiýanyň ýygyndysy 2011-nji ýyldan soň 2-nji altyn medalyny gazandy. Olar finalda Weng-



riýanyň ýygyndysyny 12:9 hasabynda ýeňlişe sezewar etdi. Bürünç medal duşuşygynda Ispaniýanyň ýygyndysy soňky çempion ABŞ-nyň milli toparyndan 13:12 hasabynda üstün çykdy.

## EURO 2024-den soň, EURO 2025-iň finalynda-da Angliýa bilen Ispaniýa duşuşar

Zenanlaryň arasynda Şweýsariýada geçirilýän futbol boýunça zenanlaryň arasyndaky Ýewropa çempionatynda finala çykan toparlar belli boldy. Finalda soňky çempion Angliýa bilen Ispaniýanyň milli ýygyndylary duşuşarlar.

Çärýek finalda Italiýanyň ýygyndysy Norwegiýanyň milli toparyndan Kristiana Girelliniň 50-nji we 90-njy minutda geçiren gollary esasynda 2–1 hasabynda ýeňiş gazandy. Şwesiýa bilen Angliýanyň ýygyndylarynyň arasyndaky oýunda skandinawlar 1-nji ýarymda Asllaniniň (2) hem-de Bläksteniusyň (25) gollary esasynda 2–0 öňe saýlandy. Ýöne ruhdan düşmedik angliýaly zenanlar oýnuň soňky çärýeginde 2 minutda 2 gol geçirip, hasaby deňlediler. Bu gollary 79-njy minutda Bronz bilen 81-nji minutda Agýemang öz atlaryna ýazdyrdylar.








Goşmaça wagtda-da hasap üýtgemänsoň, ýeňijini 11 metrlik jerime urgulary kesgitledi. Her topardan 7 oýunçy 11 metrlik jerime urgusyny ýerine ýetirip, iňlisler 3–2 hasabynda üstün çykdy.

Ispaniýanyň ýygyndysyna ýer eýeleri Şweýsariýanyň milli toparyny ýeňmek kyn düşmedi. Del Kastilýo (66) hem-de Pinanyň (71) gollary bilen 2–0 hasabynda ýeňiş gazanan ispanlar ýarym finala atlaryny ýazdyrdylar.

Fransiýa bilen Germaniýanyň ýygyndylarynyň arasyndaky oýnuň esasy we goşmaça wagtynda ýeňiş gazanan bolmady (1–1, Geýoro 15 p — Nüsken 25). 11 metrlik jerime urgularynda 6–5 öňe saýlanan nemesler ýarym finalda oýnamaga hukuk gazandylar.

Ýarym final duşuşyklary has ýatda galyjy we çekeleşikli geçdi. Italiýanyň ýygyndysy bilen duşuşan Angliýanyň milli topary ýene-de kembek etmegi başardy. Italýanlar Bonanseanyň 33-nji minutdaky goly bilen öňe geçdi. Ýöne olar soňky sekuntlarda üstünligini elden giderdi. 90+6-njy minutda Agýemang hasaby deňläp, çempiony ýaryşda saklamagy başardy. 19 ýaşyndaky hüjümçi çärýek finalda-da deňlik goluny geçiripdi. Goşmaça wagtyň hem soňky minutlarynda, has takygy, 119-njy minutda Hloe Kelli 11 metrlik jerime urgusyny ýerine ýetirdi. Ol derwezeçiniň saklan urgusyny täzeden urup, toparyna ýeňiş getirdi.

Beýleki ýarym finalda bolsa yklymyň 8 gezek çempiony, soňky finalçy Germaniýa bilen Dünýä Kubogynyň häzirki eýesi Ispaniýanyň ýygyndylary duşuşdy. Duşuşyk çekeleşikli geçse-de, esasy wagtda hasap açylmady. Goşmaça wagtda, has takygy, 113-nji minutda ispanlardan soňky 2 ýylda şahsy baýraklaryň ählisini diýen ýaly gazanan Aitana Bonmati tapawutlanyp, toparyny finala çykardy.

Angliýa bilen Ispaniýanyň ýygyndylarynyň arasyndaky final duşuşygy 27-nji iýulda, ýekşenbe güni Bazeldäki St. Ýakob-Park stadionynda oýnalar. Duşuşyk Aşgabat wagty bilen 21:00-da başlanar. Angliýanyň ýygyndysy 3-nji gezek finala çykyp, olar soňkusynda çempionlyk gazanypdy. Ispaniýanyň ýygyndysy bolsa ilkinji gezek yklym ýaryşynda finalda oýnar. Ýeri gelende bellesek, geçen ýylky EURO 2024-de, ýagny erkekleriň arasyndaky yklym ýaryşynyň finalyndan soň bu gezek zenanlaryň arasyndaky ýaryşyň finalynda Angliýa bilen Ispaniýanyň ýygyndylary duşuşar. Geçen ýylky finalda Ispaniýa ýeňiş gazanypdy. Zenanlaryň arasyndaky finalda-da bilermenlere görä, ispanlar altyn medala golaý diýlip bellense-de, kembekler bilen finala çykmagy başaran iňlisler çempionlygyny goramak üçin meýdança çykarlar.

Ispanlaryň şu wagta çenli UEFA-nyň ýaryşlarynda diňe şu çempionatda çempionlygy bolman, olar galan ýaryşlarda azyndan 1 gezek kubogy eýelediler.

**Çärýek finalyň duşuşyklary:** Norwegiýa — Italiýa: 1–2, Şwesiýa — Angliýa: 2–2 2–3 (p), Ispaniýa — Şweýsariýa: 2–0, Fransiýa — Germaniýa: 1–1, 5–6 (p)

**Ýarym finalyň duşuşyklary:** Angliýa — Italiýa: 2–1, Germaniýa — Ispaniýa: 0–1 (g.w.)

## 70-nji ýeňşi

Çehiýanyň Brno şäherinde geçirilen Moto GP boýunça möwsümiň 12-nji bäsleşiginde hem Mark Markes ýeňiş gazandy. «Ducati Lenovo» toparynyň ispan sürüjisi 5,4 kilometrlik trassada geçirilen 21 aýlawdan ybarat ýaryşy 40 minut 04,628 sekuntda tamamlamagy başardy. Bu onuň bassyr 5-nji, möwsümdäki 8-nji, karýerasy boýunça-da 70-nji ýeňşi boldy. Geçen tapgyrda 69-njy ýeňşini gazanyp, italiýaly Jakomo Agostinini yzda galdyran Markesden öňde 89 ýeňşi bolan italiýaly Walentino Rossi bar.

Çehiýa «Gran Prisinde» 2-nji ýeri «Aprilia» toparynyň italýan sürüjisi Marko Bezzekki eýeläp, ol ýeňijiden 1,753 sekunt yza galdy. «Red Bull KTM» toparynyň ispan sürüjisi Pedro Akosta ýeňijiden 3,336 sekunt soň pellehanadan geçip, münberiň 3-nji basgançagyna çykdy.

Bu ýaryşdan soň utugyny 381-e çykaran Mark Markes 2-nji ýerdäki inisi Aleks Markes bilen aratapawudy 120 utuk açmagy başardy. 3-nji orundaky italiýaly sürüji Frančesko Banaianyň 213 utugy bar. 4-5-nji ýerleri-de italiýaly Marko Bezzekki (156) bilen Fabio Di Jannantonio (142) paýlaşýar.




Möwsümiň 13-nji ýaryşy 13-nji awgustda Awstriýanyň Spilberg şäherinde geçiriler.

## Messi Ronaldodan öňe geçdi

ABŞ-nyň çempionaty MLS-de argentinaly super ýyldyz Lionel Messiniň şemaly belentden öwüsýär. 39 ýaşyndaky ýyldyz oýunçy toparynyň iýul aýynda geçiren 5 duşuşygynyň 4-sinde tapawutlanyp, şolarda 8 goly derweзä girizdi. Diňe «Sinsinnati» topary bilen bolan oýunda 3-0 utulan «Inter Maýami» galan 4 duşuşykda argentinaly ýyldyzynyň gollary bilen ýeňiş gazanmagy başardy. Messi şol 4 duşuşykda-da dubl etmegiň hötdesinden geldi. Umumylykda Messi «Inter Maýaminiň» soňky 7 duşuşygynyň 6-synda 2 goldan, jemi 12 gol geçirdi.

Şeýlelikde, Messi karýerasy boýunça 874 gola ýetdi. Şolaryň 764-si penaltiden geçirilmedik gollar bolup, ol bu ugurda Ronaldodan öňe saýlandy. Ronaldonyň 938 golunyň 763-si penaltiden geçirilmedik gollardyr.

Lionel Messi karýerasy boýunça 1114, Kristiano Ronaldo bolsa 1281 duşuşyk geçirdi.



Ýokary depginde dowam edýän ABŞ-nyň çempionaty MLS-de iň netijeli futbolçylaryň sanawynda Lionel Messi «Neşwill» toparynyň iňlis hüjümçisi Säm Surrij bilen öňdeligi paýlaşýar. Iki futbolçynyň hem 18 goly bar.

## 4 uly ýaryşyň 3-sinde çempionlyk gazandy

Golf boýunça her ýyl geçirilýän 4 uly ýaryşyň biri bolan «The Open Championship» bäsleşiginde amerikaly Skotti Şeffler ýeňiş gazandy. Ol Demirgazyk Irlandiýada 153-nji gezek geçirilen ýaryşda 267 utuk toplap, bu bäsleşikde ilkinji çempionlygyny baýram etdi. Şunlukda, 29 ýaşyndaky golfçy 4 uly ýaryşyň 3-sinde çempionlyk gazandy. «Masters Tournament»-de 2022-nji we 2024-nji ýyllarda hem-de şu ýyl «PGA Championship»-de çempionlyk gazanan golfçy «U.S. Open»-de 2022-nji ýylda 2-nji orny eýeläpdi. Şeffler çempion hökmünde 3,1 million dollarlyk pul baýragy bilen sylaglandy.

Ýaryşda amerikaly golfçular Harris Iňliş bilen Kris Gotterap 2-3-nji orunlary eýelediler. Olara degişlilikde 1,759 million hem-de 1,128 million dollar pul baýragy berildi.

Golf sportunyň 4 uly ýaryşy her ýylyň aprel aýynda «Masters Tournament» bilen başlaýar. Maý aýynda «PGA Championship», iýun aýynda «U.S. Open», iýul aýynda-da «The Open Championship» geçirilýär. Ilkinji 3 ýaryş ABŞ-da geçirilse, 4-nji bäsleşik Birleşen Patyşalygyň çäginde guralýar. «Masters Tournament» 1934-nji, «PGA Championship» 1916-njy, «U.S. Open» 1895-nji, «The Open Championship» 1860-njy ýyldan bäri geçirilip gelinýär. Bu ýaryşlarda iň köp çempionlyk gazanan golfçy meşhur Jäk Niklaus bolup, 18 uly ýaryşda çempionlyk gazandy. Şeýle-de, diňe 6 golfça 4 ýaryşda-da çempionlyk gazanmak başartdy (Jäk Niklaus, Taýger Wuds, Ben Hogan, Gari Pleýer, Rori Makllroý, Jin Sarazen).



## Ilkinji gezek ýeňiji boldy

Dünýä Ralli çempionatynda (WRC) möwsümiň 8-nji ýaryşy Estoniýada geçirildi. 308,35 kilometrden ybarat bolan 20 tapgyrly ýaryşda garaşylmadyk sürüji ýeňiş gazandy. «Toyota Gazoo» toparynyň şwesiýaly piloty Oliwer Solberg karýerasyndaky ilkinji ýeňşini baýram etdi. 23 ýaşyndaky sürüji 2 sagat 36 minut 35,1 sekuntda ýaryşy tamamlamagy başardy.

Ýaryşda ýer eýesi, «Hyundai Shell Mobis» toparynyň estoniýaly sürüjisi Ott Tanak 2-nji orna mynasyp boldy. Ol ýeňijiden 25,2 sekunt gijä galyp, öz janköýerleriniň öňünde münberiň iň ýokary basgançagyna çykyp bilmedi. «Hyundai Shell Mobis» toparynyň belgiýaly sürüjisi Tierri Noýwill pellehana ýeňijiden 48,3 sekunt giç gelip, 3-nji ýeri eýeledi.

«Toyota Gazoo» toparyndan Kalle Rowanperanyň 4-nji bolan ýaryşynda bu ýere lider hökmünde gelen britaniýaly Elfin Ewans («Toyota Gazoo») 6-njy orunda ýaryşy tamamlady.

Geçirilen 8-nji ýaryşdan soň, sürüjileriň sanawynda lider üýtgedi. Utugyny 162-ä ýetiren Tanak 1-nji orna beýgeldi. 161 utukly Ewans 2-nji orna düşdi. Estoniýa Rallisini utuksyz tamamlan, has takygy, ýaryşa gatnaşmadyk fransiýaly Sebastien Ožie 141 utuk bilen 3-nji ýeri eýeleýär. 4-nji orundaky Rowanperanyň 138, 5-nji ýerdäki Noýwilliň 114 utugy bar.



Möwsümiň 9-njy ýaryşy 31-nji iýul — 3-nji awgust aralygynda Finlýandiýada geçiriler.

# TRANSFER TÄZELIKLERI

**Reşford «Barselonada»**

● Ispaniýanyň «Barselona» topary «Mançester Ýunaýtediň» ýyldyz oýunçysy Markus Reşford bilen düzümini güýçlendirdi. Ispan topary 27 ýaşyndaky oýunçy bilen 1 ýyllyk kärendesine ylalaşyk gazandy. Katalonlar Reşfordy geljek tomusda 35 million ýewro berip ymykly düzümine goşup hem biler. Reşford «Barselonada» 14-nji belgili köýnekçäni geýer. Geçen möwsümiň 2-nji ýarymyny «Aston Willada» kärendesine geçiren Reşford «Mançester Ýunaýtedde» futbola başlap, ol bu toparda 9,5 möwsüm oýnady. Ol mankunianlaryň düzüminde 426 oýunda 138 goly öz adyna ýazdyrdy.



**«Liwepulyň» 95 million ýewrolyk futbolçysy**

● Transfer möwsüminiň iň işjeň, şol bir wagtyň özünde-de iň köp pul harçlaýan kluby «Liwerpul» ýene uly mukdardaky töleg bilen futbolçy transfer etdi. Iňlis kluby «Bundesliganyň» wekili «Aýntrahtyň» fransuz hüjümçisi Hugo Ekitikeni 95 million ýewro berip, düzümine goşdy. «Liwerpul» topary 23 ýaşyndaky futbolçy bilen 6 ýyllyk şertnama gol çekişdi. «Aýntrahtyň» transfere ugradan iň gymmat futbolçysy bolan Ekitike «Liwerpulyň» şu tomusda düzümine goşan 7-nji oýunçysy boldy. «Reýmsde» futbola başlan Ekitike Daniýanyň «Waýle», Fransiýanyň PSŽ klublarynda-da çykyş etdi. Ol şu wagta çenli klublarda 151 oýunda 50 gezek tapawutlandy.




**«Ýunaýtediň» 75 million ýewrolyk transferi**

● Geçen möwsümi juda şowsuz tamamlan «Mançester Ýunaýted» Mateus Kunýadan soň ýene bir hüjümçini düzümine goşdy. Köp wagtdan bäri transferi üçin tagalla edilen Braýan Mbemo mundan soň karýerasyny «Mançester Ýunaýtedde» dowam eder. Mankunianlar 25 ýaşyndaky kamerunly hüjümçi üçin «Brentford» toparyna 75 million ýewro berer. Şertnamanyň möhleti bolsa 5+1 ýyllyk diýlip bellenildi. «Brentford» topary Mbemony 2019-njy ýylda «Truadan» 6,5 million ýewro transfer edipdi. Mbemo «Brentfordda» 242 oýunda 70 gol geçirip, 51 asist etdi. Mbemo «Mançester Ýunaýtedde» 19-njy belgili köýnekçäni geýer.




**Ýene bir ýyldyz oýunçy arap klubuna geçdi**

● «Serie A»-nyň geçen möwsümdäki iň köp gol salan futbolçysy, «Atalanta» toparynyň hüjümçisi Mateo Retegi karýerasyny Saud Arabystanynda dowam etdirer. 26 ýaşyndaky italýan hüjümçisi SPL-niň «Al-Kadsiýa» topary bilen 3 ýyllyk şertnama gol çekişdi. «Atalanta» topary Reteginiň transferinden 68 million ýewro gazanar. 2024-nji ýylyň tomsunda «Jenoadan» «Atalanta» 20,9 million ýewro transfer bolan Retegi bergamolylaryň hatarynda 49 oýunda 28 goly öz adyna ýazdyrdy.




**«Napoliniň» täze hüjümçisi**

● «Serie A»-nyň soňky çempiony «Napoli» topary ýurduň başga bir topary «Udinezeden» Lorenzo Lukkany düzümine goşdy. «Napoli» topary 24 ýaşyndaky italýan hüjümçisi bilen 1 ýyllyk kärendesine şertnama baglaşdy. «Serie A»-nyň çempiony Lukkanyň kärende tölegi hökmünde «Udineze» toparyna 9 million ýewro berer. Möwsümiň ahyrynda-da Lukkany hökmany ýagdaýda 26 million ýewro berip, ymykly öz düzümine geçirer. Lukka karýerasy boýunça «Wiçenza», «Palermo», «Piza», «Aýaks» hem-de «Udineze» toparlarynda oýnady. Lukka geçen möwsümde 36 oýunda 14 gol geçirdi.



**«Arsenal» «Çelsiden» ýene bir oýunçy transfer etdi**

● Angliýanyň «Arsenal» topary şäherdeşi «Çelsiden» ýene bir oýunçy transfer etdi. Topçular «Çelsiniň» iňlis hüjümçisi Noni Madueken 58 million ýewro düzümine goşdy. 23 ýaşyndaky futbolçy «Arsenal» bilen 5 ýyllyk şertnama baglaşdy. PSW-de futbola başlan Madueke eýndhowenlileriň düzüminde 80 oýunda 20 gol geçirdi. «Çelside» 2,5 möwsüm oýnan Madueke 92 duşuşykda 20 gezek tapawutlandy. Madueke «Arsenalda» 20-nji belgili köýnekçäni geýer.

«Arsenal» şu möwsümde «Çelsiden» derwezeçi Kepa Arrizabalagany, öňki möwsümlerde-de Kai Hawerts, Žoržinio, Willian, Rahim Sterling ýaly futbolçylary transfer edipdi.



**«Benfikanyň» täze braziliýaly oýunçysy**

● Portugaliýanyň «Benfika» topary Braziliýanyň «Palmeiras» toparyndan kolumbiýaly ýarymgoragçy Riçard Riosy 27 million ýewro transfer etdi. Oýunçynyň görkezjek başarnygyna laýyklykda, goşmaça tölegler hem bolar. Portugal kluby 25 ýaşyndaky oýunçy bilen 5 ýyllyk şertnama baglaşdy. Rios «Palmeirasdan» öň «Guarani», «Mazatlan» hem-de «Flamengo» klublarynda hem oýnady.




**Ferguson Italiýada oýnar**

● Italiýanyň paýtagty Rimiň «Roma» topary «Braýton» klubundan irlandiýaly ýarymgoragçy Ewan Fergusony transfer etdi. 20 ýaşyndaky oýunçy rimliler bilen 1 ýyllyk kärendesine şertnama baglaşdy. «Roma» topary Fergusonyň kärende tölegi üçin 3 million ýewro berer we gerek bolan ýagdaýynda indiki tomusda ony 37 million ýewro transfer edip biler. Ferguson geçen möwsümiň 2-nji ýarymyny «West Ham» toparynda kärendesine oýnapdy. Ferguson «Braýtonda» 80 duşuşykda 17 gol geçirdi.




**3 ýyldan soň ýurduna dolandy**

● Italiýaly belli futbolçy Federiko Bernardeski 3 ýyldan soň öz ýurduna dolandy. 31 ýaşyndaky ýarymgoragçy ABŞ-nyň çempionaty MLS-iň «Toronto» (Kanada) klubunda Italiýanyň «Bolonýa» toparyna erkin agent ýagdaýynda transfer boldy. Ol «Torontoda» 3,5 möwsüm oýnap, 99 oýunda 26 gol geçirdi, 16 goluň pasyny berdi. Bernardeski 2014-nji ýylda «Fiorentinada» futbola başlap, 3 möwsüm bu klubda oýnady. «Krotonede» kärendesine çykyş eden Bernardeski 2017–2022-nji ýyllar aralygynda 5 möwsüm «Ýuwentusyň» köýnekçesini geýdi. Bernardeskiniň Italiýanyň milli ýygyndysynda-da 39 oýunda 6 goly bar. Ol täze klubunda 10-njy belgide oýnar.



**«Atletiko» 3 oýunçyny düzümine goşdy**

● Ispaniýanyň «Atletiko Madrid» topary düzümini güýçlendirmegini dowam edýär. Paýtagtlylar «Betisden» amerikaly ýarymgoragçy Jonni Kardosony 30, «Botafogodan» argentinaly ýarymgoragçy Tiago Almadany 21 hem-de «Almeriýadan» ispaniýaly goragçy Mark Pubilli 16 million ýewro transfer etdi. Diego Simeoneniň tälim berýän kluby bulardan öňem «Atalantadan» Huan Mussony, italiýaly goragçy Matteo Ruggerini hem-de «Wilýarrealdan» Aleks Baenany alypdy. Madridliler 3 futbolçy bilenem 5 ýyllyk şertnama baglaşdy.



**Iň gymmat transfer**

● Zenan futbolynyň transferinde täze rekord goýuldy. Angliýanyň «Arsenal» kluby ýurduň başga bir topary «Liwerpuldan» kanadaly Oliwiýa Smiti düzümine goşdy. Londonlylar 20 ýaşyndaky hüjümçi üçin «Liwerpul» toparyna 1 million funt sterling, ýagny 1 million 157 müň ýewro pul berer. Şeýlelikde, Oliwiýa Smit zenan futbolynyň taryhyndaky iň gymmat transfer hökmünde hasaba alyndy. Bu ugurda ozalky rekord amerikaly goragçy Naomi Girma degişlidi. «Çelsi» 25 ýaşyndaky futbolçyny şu ýylyň başynda «San Diego Weýwden» 883 müň funt sterlinge (1 million 50 müň ýewro) transfer edipdi.

Oliwiýa Smit «Arsenal» topary bilen 4 ýyllyk şertnama baglaşdy. Ol geçen möwsüm «Liwerpulda» 19 oýunda 7 gol geçiripdi.




# ÝEŇLIŞSIZ ÝÖRIŞINI DOWAM EDÝÄR



Angliýanyň paýtagty Londondaky «Wembley» stadionynda boks boýunça agyr agramyň ussady ukrainaly Aleksandr Usik bilen britaniýaly Daniel Dubua haklaşyk tutluşygyny geçirdi. Duşuşyk 5-nji raundda 38 ýaşyndaky ukrainaly boksçynyň ýeňşi bilen tamamlandy. 5-nji raundyň 2-nji minuty dolmanka (1:52) garşydaşyny nokauda iberen ukrainaly boksçy karýerasyndaky 24-nji ýeňşini baýram etdi. Ol bu ýeňişden soň IBF-niň çempionlyk guşagynyň hem eýesi boldy. Iki boksçy mundan öň 2023-nji ýylyň awgust aýynda-da duşuşypdy we şonda-da Usik ýeňiş gazanypdy. Ukrainaly boksçy şu wagta çenli gazanan 24 ýeňşiniň 15-sini nokaut bilen gazanmagy başardy. Ol WBA (Super), WBC, WBO, IBO ugurlarynyň hem çempionlyk guşaklaryny özünde saklap gelýär.

27 ýaşyndaky Dubua 25-nji duşuşygynda 3-nji gezek ýeňlişe sezewar boldy. 2-nji gezek Usikden asgyn gelen Dubua 2020-nji ýylda Jou Joýsdan hem asgyn gelipdi. Ol gazanan 22 ýeňşiniň 21-sinde garşydaşlaryny nokauda iberdi.

# 27-nji ýeňşi



ABŞ-nyň Nýu Orleans şäherinde garyşyk söweş sungaty boýunça UFC 318-iň çäginde birnäçe tutluşyk geçirildi. Şolaryň arasynda iň esasysy ýeňil agram derejesinde amerikaly 2 türgeniň Maks Holloweý bilen Dastin Porýeniň duşuşygy boldy. Duşuşyk 5 raundlap dowam etdi we ýeňijini eminleriň gelen netijesi kesgitledi. Eminleriň gelen netijesine görä (48:47, 49:46, 49:46), 33 ýaşyndaky Maks Holloweý ýeňiji diýlip yglan edildi. Bu onuň 35-nji duşuşygyndaky 27-nji ýeňşi boldy. Karýerasy boýunça 8 gezek ýeňlen Holloweý ýeňişleriniň 12-sini nokaut bilen gazanypdy.

36 ýaşyndaky Dastin Porýe bolsa 41-nji duşuşygynda 10-njy gezek ýeňlişe sezewar boldy. Onuň 15-si nokaut bilen 30 ýeňşi bardy. Ol soňky 6 duşuşygynda 4-nji gezek garşydaşlaryndan asgyn geldi.

# Futbolyň syýahatçysy Jefferson Luis 51 gezek transfer boldy

**Şu tomusda karýerasyny tamamlan hüjümçi Jefferson Li Luis o diýen meşhur oýunçy bolmasa-da, futbolyň taryhynda transfer bolmakda uly yz galdyrmagy başardy. Ol 28 ýyllyk futbolçylyk ýolunda 42 klubda oýnap, jemi 51 gezek transfer bolýar. Futbolyň syýahatçysy lakamyny alan Jefferson Luis käbir klublarda 2–3, hatda 4 aýratyn döwürde çykyş edýär. Jefferson Luis hiç haçan «Premier Ligada», hatda 2-3-nji ligalarda hem oýnamaýar. Ol aglaba 4-nji liga we ondan aşaky ligalaryň, hatda ýarym professional ligalaryň klublarynyň köýnekçelerini geýýär. Käbir klublarda 1-2 aý, hatda 1-2 oýunlyk hem çykyş edýär.**



1979-njy ýylyň 22-nji fewralynda Londonyň Harrow diýen ýerinde dünýä inen Luis 2000-nji ýyldan öň ýaşan ýerleriniň «Risboro Reýnjers», «Eýlsberi Ýunaýted», «Teým Ýunaýted» klublarynda ýagny sebitleýin ligalaryň toparlarynda oýnaýar. 2001-nji ýylda 4-nji liganyň «Oksford Ýunaýted» toparyna transfer bolan Luis bu ýerde 3 möwsüm oýnap, aşaky ligalaryň wekili «Woking» toparyna kärendesine ugradylýar. Bu onuň aşaky ligalardaky başdan geçirmesiniň başlangyjy bolýar. 1 möwsümden soň «Oksforda» dolansa-da, ýene-de pes toparlaryň birine, «Greýwsend end Nortflit» toparyna az wagtlyk kärendesine iberilýär. 2004/05 möwsüminde 5 klubuň köýnekçesini geýýär. «Woking» toparynda 2-nji gezek oýnan Luis şol möwsümi 4-nji liganyň meşhur toparlaryndan «Bristol Rowersde» jemleýär. 2005/06 möwsüminde-de 4 klubda oýnap, olaryň arasynda ýarymprofessional topar hem bar. 2007/08 möwsüminde şol wagt 4-nji ligada bolan «Mansfild Tawn» toparynda-da 18 duşuşyk geçirýär. 2008/09 möwsüminde geçen ýaz aýlarynda 2-nji liga çykan «Reksam» toparynyň köýnekçesini geýýär. Ol bu toparda 42 duşuşykda 15 gol geçirýär. Soňra «Kroli Tawn», «Raşden end Daýmonds» toparlarynda 18 we 28 duşuşykda oýnaýar (12 gol). 2010/11 möwsüminde ýene-de 5 klubda oýnap, olaryň hiç birinde-de şowly netije görkezip bilmeýär. 2012/13 möwsüminde 3 toparda oýnap, möwsümi «Brakli Tawn» toparynda jemleýär we bu klubda 24 duşuşykda 7 goly derweze girizýär. Ol mundan öňki möwsümde-de «Brekli Tawnda» 8 duşuşykda 13 gezek tapawutlanypdy.



2013/14 möwsüminde ýarymprofessional çempionatyň «Hendon» toparyna geçen Luis bu ýerde 33 duşuşykda 26 gol salýar. Bu onuň iň ýokary görkezijisi bolýar. Ol şol möwsümi çempionatyň başga bir kluby «Margeýtde» 19 oýunda 7 gol bilen tamamlaýar. 2014/15 möwsüminiň 2-nji ýarymynda «Wildston» toparyna transfer bolýar (20 oýunda 10 gol). Indiki möwsümde-de ýene şol toparda galýar we 2002/03 möwsüminden soň ilkinji gezek bir möwsümi diňe bir klubda tamamlaýar. Ol 46 duşuşykda meýdança çykýar (karýerasyndaky iň ýokary görkeziji) we şol oýunlarda 19 goly derweze girizýär. 2016/17 möwsüminde 5-nji ligadaky «Oksford Sitide» oýnap, 2017/18 möwsüminde «Banberi Ýunaýtedde» hem-de «Çeşam Ýunaýted» klublarynyň köýnekçesini geýýär. «Çeşam Ýunaýtedde» ýene-de 2 döwür çykyş edýär. 2021/22 möwsüminde ýarymprofessional liganyň wekili «Nort Leide» 26 oýunda 10 gol salýar. 2022/23 möwsümini ýetginjeklik ýyllaryndaky toparlarynda «Risboro Reýnjers» hem-de «Teým Ýunaýtedde» oýnaýar we olaryň ikinjisinde 26 oýunda 11 gol geçirýär. Ol karýerasynyň iň soňky möwsümi bolan 2024/25 möwsümini-de bu klubda geçirip, 46 duşuşykda 9 gezek tapawutlanýar.

Ol transfer bolan ähli klubunda azyndan bir duşuşyk geçirýär. Diňe 4 gezek transfer bolan kluby «Teým Ýunaýtedde» ilkinji 2 döwürde 1 oýunda-da meýdança çykmaýar. Käbir möwsümlerde 5 dürli toparyň köýnekçesini geýen Luis klublarda 903 oýunda 293 gezek tapawutlanýar. Ol ýygyndy hökmünde Dominigiň milli toparynda bary-ýogy 1 duşuşyk geçirýär. Ýagny, Jefferson Luis 2008-nji ýylda Dünýä Kubogy 2010-yň saýlama tapgyrynyň çäginde Barbadosyň ýygyndy toparyna garşy bolan oýunda meýdança çykýar. Dominigiň ýygyndysy şol oýunda 1-0 utulyp, duşuşykda Luisiň özi ýaly aşaky ligalarda oýnan futbolçy doganoglany Riçard Pakette hem çykyş edýär.

Futbolyň syýahatçysy lakamly Jefferson Luis häzirki wagtda 2022/23 möwsüminde gysga wagtlyk hem oýunçy hem-de tälimçi bolup çykyş eden kluby «Slau Tawn» toparynda kömekçi tälimçi wezipesinde işleýär.

**Çykyş eden klublary**

**Ilkinji ýyllary:** Risboro Reýnjers (1996/98), Teým Ýunaýted (1998/2000); **Professional karýerasy:** Eýlsberi Ýunaýted (2000/01), Oksford Ýunaýted (2001/04), Woking (2003/04), Oksford Ýunaýted (2004/05), Greýwsend end Nortflit (2004/05), Forest Grin Rowers (2004/05), Woking (2004/05), Bristol Rowers (2004/05), Hemel Hempstid Tawn (2005/06), Lewes (2005/06), Worting (2005/06), Stiwenež (2005/06), Istlei (2006/07), Ýeding (2006/07), Hawant end Woterluwill (2006/07), Weýmut (2007/08), Meýdenhed Ýunaýted (2007/08), Mansfild Tawn (2007/08), Reksam (2008/09), Kroli Tawn (2009/10), Raşden end Daýmonds (2009/10), Geýnsboro Triniti (2010/11), Darlington (2010/11), Weýmut (2010/11), Heýs end Iding Ýunaýted (2010/11), Meýdenhed Ýunaýted (2010/11), Brakli Tawn (2011/12), Linkoln Siti (2011/12), Nýuport Kaunti (2012/13), Waýthok (2012/13), Brakli Tawn (2012/13), Hendon (2013/14), Margeýt (2013/14), Lowstoft Tawn (2014/15), Wildston (2014/16), Steýns Tawn (2016/17), Oksford Siti (2016/17), Banberi Ýunaýted (2017/18), Çeşam Ýunaýted (2017/18), Farnboro (2018/19), Çeşam Ýunaýted (2018/19), Hempton end Riçmond Boro (2019/20), Sent-Olbans Siti (2019/20), Bekonsfild Tawn (2020/21), Nort Lei (2021/22), Risboro Reýnjers (2022/23), Teým Ýunaýted (2022/23), Slau Tawn (2022/23), Bekonsfild Tawn (2023/24), Teým Ýunaýted (2023/25).



